# SYÝASATYŇ SOSIOLOGIÝASY

Aşgabat –2010

**© Gülşat Orazmuhammedowa, Aýna Annamuhammedowa. Syýasatyň sosiologiýasy. Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Dünýä taryhy kafedrasynyň uly mugallymy, t.y.k.
A. Çarygulyýewiň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**©Gülşat Orazmuhammedowa, Aýna Annamuhammedowa.
©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

## Giriş

Her bir ylmyň öz gadymylygy bar. Edil şonuň ýaly-da onuň emele gelişiniň, ösüşiniň şu günki ýagdaýynyň taryhy-da bolýar. Her bir ylmyň kemala gelmeginde zerur şertleri döreden deslapky şertler hem zerurlyklar bolýar.

Syýasat dürli döwürlerde dürli hili ösüş özgerişleri başdan geçirip şu günlere çenli gelip ýetipdir. “Syýasatyň sosiologiýasy” okuw dersiniň okadylmagynyň **maksady:** Syýasy hadysalary, medeniýetleri, siwilizasiýalary, sosial ýagdaýy olaryň many-mazmunyna çuňňur düşünmek bolup durýar. Dürli taryhy siwilizasiýalarynyň we medeniýetleriň syýasy barlaglaryň kömegi bilen esasy syýasy düşünjeleri çuňňur öwrenmekden ybaratdyr. Syýasat hakyndaky ylmyň häzirki zaman derejesini jemgyýetjilik, gumanitar esasynda öwrenmeli. Syýasaty öwrenmekligiň dürli usulyýetleriniň we ylmy netijelerini talyplara öwretmek.

“Syýasatyň sosiologiýasy” okuw dersi öwrenmekligin meseleleri:

“Syýasatyň sosiologiýasy” ylmynyň aşakdaky meseleleri öwrenilýän ylmyň kemala gelmegi we ösüşi, sosial syýasat ylmynyň ösüş taryhy deňeşdirilmesi: syýasy ulgamlaryň görnüşleri, Döwletleriň Syýasatlaryny bu usul bilen öwrenmek – netijeleri progressiw ýol bolup durýar.

Dünýäniň döwletlerini, olaryň esasy ulgamlaryny geçirip – aratapawutlaryny görmek mümkinçilik döreýär. Syýasatyň sosiologiýasy barlag işleriniň esasy usulydyr.

Geçiş döwründe syýasatyň sosiologiýasynyň öňünde durnuklylygyň sosial şertlerini öwrenmek wezipesi durýar. Ilatyň täze gatlaklarynyň döremegi bilen durmuşda integrirlenme hereketi bolup geçýär, sosial syýasatçylar öwrenýärler, integrirlenmäniň täze mehanizmini döretmeklik maksady bilen maglumat bilen üpjin edýärler.

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden “Täze Galkynyş we Beýik Özgertmeler zamanasynda” – “Syýasatyň sosiologiýasy” okuw dersini ýokary okuw jaýlarynda “Syýasaty öwreniş” Hünäri boýunça okaýan talyplar özleşdirýärler.

“Syýasatyň sosiologiýasy” okuw dersiniň esasy öwrenýän meseleleriň biri – onuň many-mazmuny kesgitlemek. Sosial syýasaty öwrenişiň many-mazmuny syýasy ulgamlaryny hem-de umuman syýasat diýen düşünjäni deňeşdirmek ýoly bilen, ýagny syýasy barlag usulyny geçirmekligiň üsti bilen, olara akyl ýetirmek hem has çuňňur öwrenmek.

“Syýasatyň sosiologiýasy” ylmy we okuw dersi özüniň düzümi, usullary, mähümligi, öwrenýän meseleleri we ugurlary boýunça-hazirki zaman, Döwrebap ylym bolup, ol hemmetaraplaýyn dünýä, Halkara standartlara gabat gelýär.

Ýurdumyzda her bir adamyň bilim almagy kanun tarapyndan kepillendirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 38-nji maddasynda “Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr” diýlip kesgitlenen bolsa, “Bilim hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda “Bilim almak hukugy Türkmenistanyň raýatlaryny esasy we aýrylmaz konstitusion hukuklarynyň biri bolup durýar” diýlip bellenilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt Baştutanlygyna girişen günlerinden bilime aýratyn üns berip başlandygy ilkinji gol çeken Permanlarynyň hem bilim ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly bolandygyny ýatlasak onda bu Kanunyň özeniniň şu sözlerden alnandygyna göz ýetirmek mümkin.

Milli Liderimiziň gol çeken “Türkmenistanda Bilim hakyndaky” Türkmenistanynyň Kanunyna üýtgetme girizmek baradaky” Türkmenistanyň Kanuny, “Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Permany, “Türkmenisatnyň bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini

kämilleşdirmek hakyndaky”, “Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky”, “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky” çuňňur many-mazmuny jemleýän Kararlary ýurdumyzyň bilim hem ylym ulgamyny dünýä derejesine çykarmagyň aýdyň ýollaryny salgy berýär. Milli bilim-ylym ulgamyny uly ösüşlere ataran bu Permandyr Kararlar bilimiň ýeten meseleleriniň oýlanyşykly çözülmegini hem alada etdi. Beýik Galkynyş eýýamynda gün-günden belent sepgitleri eýeleýän ýurdumyzda bu ugurda eýýäm beýik işleriň amal edilendigi, “Biz Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy täze belentliklere ýetirmekde esasy sütünleriň biri bolan bilim ulgamyny düýpli özgertmegi we kämilleşdirmegi esasy wezipämiz höküminde kesgitledik” diýmekligiň özi döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýandygyna doly güwä geçýar.

Elbet-de, syýasat bar ýerinde häkimiýetiň bardygy düşüniklidir.

Adamzat häkimiýet ugrundaky göreşlerde, syýasat we häkimiýet baradaky pikirlerini baýlaşdyrypdyr. Netijede syýasat hem häkimiýet baradaky düşünjeler ylym häsiýetine geçipdir. Şu ýerde XI asyryň belli alymy we syýsatçysy Nyzamylmülk barada ýatlaman geçmeklik bolmaz. Ol döwletiň merkezleşen häkimiýetiniň ýitip gitmezliginiň aladasy bilen ýaşan ýeketäk wezirdir diýip aýtsa bolar. Hökümdarlar tarapyndan aýry-aýry adamlara ullakan mülkleriň berilmekliginiň ýurduň içinde bölünmeklige getirýänligi barada gymmatly pikirlerini Seljuk soltanlaryna aýdyp bilen wezirdir. Gündogaryň tagt dawalarynda we häkimlik ugrundaky göreşlerde onuň wepat bolmagynyň düýp aňyrsynda-da onuň progressiw pikirlenişi ýatyr.

Ol Seljuklar döwlewtiniň syýasy durmuşyny beýan edýän bir kitap ýazýar. 1090-njy ýyllarda ýazylan ol kitaba “Syýasatnama” diýip at beripdirler. Eser syýasat hem häkimlik barada juda köp maglumatlary, ýörelgeleri, usullary, ýollary

beýan edýär. Şol döwri öwrenmek üçin, onuň syýasatyna göz ýetirmek üçin bu eser gymmatly çeşme bolmagynda galýar.

Syýasatyň ösmegi bilen häkimiýet baradaky düşünjeler hem ösüpdir. Netijede häkimiýet barada öňli soňly düşünjeler kemala gelipdir. Ýörite adalgalar peýda bolýar. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçmelidir.

## Syýasatyň sosiologiýasynyň wezipeleri, predmeti we metodologiýasy.

Külli janly-jandarlaryň içinde adamzada beren artykmaçlygy akyldyr.

Adam akyly bilen adamdyr. Akyl oňa jandarlaryňkydan tapawutlanýan ýaşaýşyny amal etmäge mümkinçilik berýär. Adamy adam edýän akyly kämilleşdirmegiň serişdesi bilimdir hem ylymdyr. Akyly kämilleşdirmek – adamzadyň akyl ýetiriş ukyplaryny ýaşaýşyň özeninde, esasynda goýmakdyr. Aslynda howaýylyk tebigaty bolan akyly anyk we janly durmuşa getirmek ony durmuşy özgertmegiň usulyna öwürmekdir. Bilim hem-de ylym hut şu maksada hyzmat edýär. Bilimi hem-de ylmy adamzadyň özi tapypdyr. Bilimi maddy ähmiýetli güýje öwürmek üçin adamzat öz durmuşynda juda möhüm bir barlygy – mekdep diýilýän zady oýlap tapypdyr. Çünki adamzadyň daşyndaky ähli baýlyklar gutarýar, olar çäklidir, sebäbi maddy dünýäniň özi çäklidir. Emma adamyň özi gutarmaýar, adamyň özündäki akyl hem gutarmaýar. Eýsem, ähli howaýy zatlaryňky ýaly, akylyň hem çeşmesi maddy dünýäden aňyrda ýerleşýändir.

Şeýle baýlygyň çeşmesi bu dünýäden däl, şol sebäpli-de, gutarmaýan akyly amal etmegiň, dünýä ornaşdyrmagyň, şeýdibem, dünýäni özgertmegiň serişdesi bolan akyly howaýylykdan maddylyga geçirýän ylym-da iň uly gymmatlykdyr. Ylym adamzada hemişe gerek. Şonuň üçinem, adamlar ylmy we bilimi biri-birine, nesilden-nesle geçirmek,

şeýdibem, akylyň taryhy dowamatyny üpjün etmek üçin mekdebi döredipdirler.
Adam jemgyýetsiz ýaşap bilmeýär. Çünki adamyň özi we onuň durmuşy gatnaşyklary jemgyýeti düzýär. Jemgyýeti öwrenmek meselesi adam, şahsyýet üçin wajyp meselesi bolup durýar. Adam dörän bäri bu mesele hem bar. Gadymy döwürlerde - Aristoteliň, Eflatunyň, gijiräk döwürlerde - G. Zimmeliň, P. Sorokinyň we başgalaryň ylmy eserlerinde jemgyýeti öwrenmek meselesine giňden seredilýär. Bu çemeleşmeleriň astynda XIX asyryň 30 – nji ýyllarynda ylmy giňişlikde täze we gerekli ylym emele gelýär. Bu ylymy esaslandyran alym fransuz filosofy O. Kont. Sosiologiýa adalgasy – gadymy latyn dilinden emele gelýär, ýagny «sosiýetas» - jemgyýet we «logos» - söz, bilim. Diýmek, sosiologiýa – jemgyýeti öwrenýän ylymdyr.

Jemgyýetde syýasatyň sosiologiýasynyň wezipesine akyl ýetirmek üçin onuň ýerine ýetirýän işlerini görkezmelidiris. Syýasatyň sosiologiýasynyň esasy ýerine ýetirýän zatlary shema görnüşinde şeýle görkezmek bolar:

Syýasatyň sosiologiýasynyň ösüşiniň esasy şerti




jemgyýetçilik zerurlygydyr. Şeýlelikde, syýasatyň sosiologiýasynyň esasy funksiýasy, edil beýleki ylymlardaky ýaly, täze bilim almakdyr, özünem şol ylym dürli görnüşde bolup, sap nazary meselelerden başlap sosio-tehniki soraglara çenli dürli meseleleri çözmäge niýetlenen bolmalydyr. Syýasy bilimler raýatlyk öz-özüňe düşündirmäniň görnüşidir.

Syýasatyň serişdesi bolup, syýasy durmuşa gatnaşyjylaryň arasynda ylalaşyk ýoly bilen gazanylýan

düşünişip ylalaşmak hyzmat etmäge başlaýar. Bu şertlerde jemgyýetçilik pikiriniň ýagdaýy, dürli sosial-syýasy güýçleriň bähbitleri we maksatlary olaryň hukuk ýagdaýy we abraýy baradaky maglumatlaryň syýasy kararlary kabul etmekde aýratyn möhümlige eýe bolýanlygy gürrüňsizdir. Bu ýagdaýda syýasatyň sosiologiýasynda kabul edilýän kararlaryň netijeliligini ýokarlandyrýan garşylyklaýyn baglanşygynyň iň möhüm ugry bolup çykyş edýär.

Geçiş döwründe syýasatyň sosiologiýasynyň öňünde durnuklylygyň sosial şertlerini öwrenmek wezipesi durýar. Ilatyň täze gatlaklarynyň döremegi bilen durmuşda integrirlenme hereketi bolup geçýär, sosial syýasatçylar oalry öwrenýärler, integrirlenmäniň täze mehanizmini döretmeklik maksady bilen maglumat bilen üpjin edýärler.

Syýasy taýdan sosiallaşma raýatlary syýasy gymmatlyklaryň demokratik ulgamyna ýakynlaşdyrmak bilen gazanylýar. Syýasatyň sosiallaşmagy mistiki tebigaty adaty raýatlaryň akyl ýetirmesinden daşda bolan häkimiýet nählidir bir keramatlylykdyr diýen düşünjedäki rowaýatyň kökne palta urýar. Syýasy herekete gatnaşmak nähilidir bir keramatly hereket bolmasyny bes edýär we raýat borçlarynyň birine öwrülýär. Raýatlyk diýen düşünje islendik şahsyýetiň syýasy inisiatiwasynyň çeşmesi bolup biljekdigini göz öňünde tutýar, raýatlaryň jemgyýetçilik ýaşaýşyna goşulmasynyň demokratik medeniýeti emele gelýän, häkimiýet kynçylyklary çözmegiň serişdesi bolup çykyş edýär. Syýasy sosiallaşma syýasy taýdan özüňi alyp barşyňy hem kesgitleýär.

II.

Wezipeleriň kesgitlemesi barlagyň obýektlerine we predmetine umumy garaýşyň emele gelmegine getirýär. Emma ilkinji nobatda onuň syýasaty öwrenýän beýleki ylymlaryň arasynda tutýan ornuny kesgitlemeli. Syýasatyň sosiologiýasy syýasaty öwrenişde esasy orunlaryň birine eýeleýär, çünki bu

ylym sosial özgertmeleriň syýasy netijelerini, şeýle hem syýasy institutlaryň sosial hereketlere we gurluşlara täsirini öwrenýär.

Syýasatyň sosiologiýasynyň predmeti häkimiýetiň sosial mehanizmlerini we olaryň jemgyýetiň ösüşiniň dürli döwürlerindäki täsirini öwrenmekdir.

Syýasatyň sosiologiýasynyň esasy düşünjeleriniň biri sosial jemagat baradaky düşünjedir. Bu düşünje öz işine ýaşaýan ýeri, işiniň häsiýeti, uýýan gymmatlyklary, dini ýaly sosial taýdan möhüm alamatlaryň esasynda emele gelen ynsanlar toparyny we şahsyýetler toplumyny alýar. Sosial jemagat tebigy ýol bilen emele gelýär. Jemgyýet ynsanlary birleşdirýän jemagatlaryň ägirt uly köpçüligidir. Haýsydyr bir jemagaty gorap saklamak zerurlygy ýüze çyksa, onuň institutlaşmasy ýüze çykýar, ýagny jemagatyň hereket ediş usuly maddy serişdeleriň we guramaçylyk düzümleriniň kömegi bilen berkidilýär. Sosial institut döredilmesi bilen öz öňünde goýlan wezipeleri takyk ýerine ýetriýär, rollaryň bilelikdäki işiň netijeliligini üpjün edýän üýtgewsiz berkidilen toplumyna eýelik edýär, adamlaryň arasynda derejeleýin gatnaşyklaryň bolmasyny göz öňünde tutýar. Bu institutlaryň ilkinjileri jemagaty goramak ýa-da goňşy taýpalary talamak üçin dörän ýaragly toparlardyr.

Sosial jemagata hem sosial instituta hem syýasy işiň we özüňe alyp baryşyň subýektleri hökmünde garap bolar. Syýasy subýekt – bu:

a) syýasy karar kabul edip bilýän;
b) oalry amala aşyrýan ýa-da olaryň amala aşyrylyşyna gözegçilik edýän;
c) öz kararlary üçin jogapkärçilik çekýän subýektdir.

Syýasatyň sosiologiýasynda “şahsyýet” diýen düşünje däl-de eýsem şahsyýete onuň hukuklary we azatlyklary nukdaý

nazaryndan baha berýän, ýagny adama syýasy mümkinçiliklerine görä sypatlandyrylýan “raýat” diýen düşünjäni ulanmak has ýerlikli bolardy.

Syýasy subýekt bilen sosial gurşawyň özara baglanyşygy syýasy instituty, än syýasy hereketi emele getirýär. Olaryň arasyndaky durnukly arabaglanşygyň bolsa esasy wezipesi jemgyýetçilik tertibini, jemgyýetiň bitewiligini üpjün etmek, jemgyýetiň agzalaryny gymmatlyklaryň we nusgalaryň umumy kabul edilen ulgamyna birleşdirmek bolan syýasy ulgam hökmünde ykrar edilýär.

Syýasy sosaiologiýanyň öwrenýän obýekti jemgyýetdir. Geçiş jemgyýeti özboluşly. Onuň ykdysady esasy hökmünde köp ugurly gatnaşyklar hyzmat edýär. Onda döwlet eýeçiliginiň ýeke-täk we absolýut agalyk ediji görnüş bolmagynyň soňuna çykylýar. Hususy eýeçilige giň ýol açylýar. Syýasy babatda Sowetller häkimiýetiniň dargamagy bilen kommunistik partiýa syýasy arenasyndan çykdy. Partiýa döwlet işini çözmekden çetleşdirildi. Döwlet häkimiýetiniň täze ulgamy we dolandyryşyň prezidentlik görnüşi kemala geldi. Dünýägaraýyşlaryň, pikirleriň we ruhy gymmatlyklaryň dürli-dürliligi emele geldi. Ýurtda bolup geçýän özgerişler ilatyň sosial gurluşynyň çylşyrymlaşmagyna, onda täze synplaryň we sosial toparlaryň döremegine getirýär. Bu obýektiw we kanunalaýyk proses. Jemgyýetiň synplara, sosial toparlara we gatlaklara bölünmegi obýektiw hadysa hökmünde köp ugurlar bilen baglanyşykly. Munuň özi tebigydyr, çünki gürrüň taryhy ähmiýetli öwrülişikler hakynda barýar. Täze bazar gatnaşyklary durmuşy düýpli özgerdýär. Köne gurluşdan täzesine geçiş syýasy elitanyň, aýry-aýry şahsyýetleriň isleglerinden tötänleýin netijesinden gelip çykan zat däl. Ol türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň içki logikasyndan ösüp çykan. Sowet häkimiýeti ýyllary içinde absolýut monopoliýalaýyn hukukdan peýdalanyp, döwlet eýeçiligi ykdysady jähtden pes netijeli bolup çykdy. Ol öndüriji güýçleriň ösüşini, ylmy-

tehniki öňdebaryjylygy bökdäp ugrady, adamlaryň netijeli işe bolan höwesi pese gaçdy. Önümçilikde köpçülikleýin jogapkärçiliksizlik meýli güýçlendi. Bu pese düşmegiň (krizisiň) alamatydyr.

Pese düşmeklik kem-kemden syýasy durmuşyny, ideologiýasyny, ruhy we ahlak sferalaryny öz içine aldy. Täze garaşsyz döwletlerde düýpli öwrülişikler zamanasy başlandy. Jemgyýetiň ähli gatlaklary herekete geldi. Ýöne olaryň her haýsysy öz mümkinçiliklerine, ukyplaryna, tejribesine, bähbitlerine we isleglerine laýyklykda täze gurluşy berkarar etmäge özboluşly gatnaşýar.

Jemgyýetiň sosial gurluşynda bolýan özgerişler birmeňzeş ölçegli hem, birmeňzeş netijeli hem däl. Onuň düzünimiň öňki bitewiligi ýitýär. Synplaryň, jemgyýetçilik toparlarynyň we sosial gatlaklaryň içki, keseligine aragatnaşyklary gowşaýar. Olar biri-birinden daşlaşýar. Munuň aslynda ykdysady, emläk deňsizliginiň ýüze çykmagy, köp ugurly ykdysadyýetiň döräp ugramagy dur.

Türkmen jemgyýetinde ozal häsiýetli bolmadyk synpy elementler we sosial toparlar döreýär. Olar jemgyýeti jebisleşdiriji täze mehanizmleri gözlemegi zerur edýär. Bu tapgyrda gatlagara gatnaşyklaryň roly artýar. Jemgyýetiň ykdysady, sosial, syýasy gurluşy täze keşbe girýär. Köne jemgyýetden täzesine geçiş dowamly hem tapgyrlaýyn proses. Ösüş prosesinde jemgyýetiň sosial gurluşy täze keşbi alýar. Sosiologiýanyň döwrebap meseleleriniň biri häzirki zaman jemgyýetiň aýratynlyklaryny aýdyň düşündirmek. Jemgyýetiň täze gurluşyny, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny suratlandyrmak meselesi hem ykdysadyýetiň, syýasatyň, medeniýetiň ähli ugurlary bilen berk baglydyr. Şu babatda aýratyn meseleleriň biri bolan raýatlyk jemgyýeti barada aýtmak zerurdyr, galybersede demokratik Türkmenistanda raýatlyk jemgyýetiň kemala gelmegine üns bermek. Bu meseleler agzalýan dersiň aýratyn mowzuklarynda beýan ediler.

Jemgyýeti öwrenmeginde has ýokary netijeleri gazanmak üçin, sosiologiýa iki esasy derejä bölünýär. Olar:

* Makrososiologiki dereje. Ýagny jemgyýeti sosial gurluşlaryň, jemagatlaryň, uly sosial toparlaryň, gatlaklaryň, ulgamlaryň we hereketleriň seljermesi bilen öwrenmek. Mysal üçin, industrial jemgyýet . Bu derejede, esasan, seljerme we sintez, induksiýa we deduksiýa ýaly barlag usullary ulanylýar.

* Mikrososiologiki dereje. Ýagny şahsyýetara gatnaşyklary, sosial taýdan özüňi alyp barmaklygy, şahsy hereketleri we kiçi sosial toparlaryň hereketini öwrenmek bilen jemgyýeti suratlandyrmak. Mysal üçin, maşgala ya-da talyp auditoriýasy. Bu derejede sosiologiki sorag-jogaplar, sosiologiki gözegçilik we b. Barlag usullary ulanylýar.

Sosiologiýa ylymynda tejribäniň we nazaryýetiň bitewiligi aýdyň görünýär. Sosiologiýanyň nazary derejesi – bu dürli sosiologiki taglymatlar, nazaryýetler we konsepsiýalary öz içine alýar. Sosiologiýanyň tejribeleýin derejesi öz gezeginde sosiologiki barlaglardan ybarat. Sosiologiýanyň bu derejesi empiriki sosiologiýa diýip hem atlandyrylýar.

## Sosial – syýasy bilimleriň döremegi we ösmegi.

Sosiologiýa - bilimleriň özboluşly pudagy bolup, jemgyýet, jemgyýetçilik gatnaşyklary baradaky ylymdyr. Jemgyýet baradaky, jemgyýet bilen tebigatyň arabaglanyşygy baradaky bilimleriň köp pudagy obýektiw şertleriň täsiri astynda we jemgyýetiň zerurlyklaryna görä ynsanyň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň irki döwürde döräp, tizlik bilen hem ylma öwrülipdirler. Muňa matematikany pelsepäni, taryhy mysal edip görkezmek bolar. Olaryň ýaşy müňýyllyklar bilen ölçenýär. Täze dörän ylymlaryň taryhy has gysgadyr. Emma

şeýle-de bolsa, olaryň binýady adamlaryň töwerekdäki gurşaw we özüniň ondaky ornuna akyl ýetirip başlan döwründen başlanýar. Özi ýaňy-ýakynda dörän bolsa-da köki gadymlyklara siňip gidýän ylymlaryň biri hem sosiologiýadyr. Jemgyýet baradaky bilimleriň döreýşi, ösüşiniň esasy döwürleri taryhy görnüşleri we ösüşiniň ugurlary barada sosiologiýanyň taryhy ylmy gürrüň berýär.

Adamy döretmek bilen tebigatyň onuň öňünde nähilidir bir maksat goýmandygy, ony nähilidir bir işi ýerine ýetirmäge mejbur etmändigi aýdyňdyr. Ynsan öz ýaşaýşynyň manysyny özi gözlemäge başlady. Muny ol ýaşaýşyň özünde, öz-özüňi garamak duýgusyna tabyn bolup, özüňi ynsan hökmünde saklap galmakda tapdy. Diňe tebigatyň eçilenlerini ýygnaýjydan ekerança we maldara öwrüleninden soňra adam öz sosial wezipesine akyl ýetirmäge başlady. Kemala gelen jemagat bolup ýaşamak häsiýeti adama diňe bir biologiki görnüş hökmünde saklanyp galmaga mümkinçilik bermän, eýsem eýýäm ilki-durmuş jemgyýetinde sosial ýaşaýşa uýgunlaşmagyna getirdi. Gul eýeçilik zamanynda döwlet döreýär we kemala gelýär sosial hereketleri dolandyrmak jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Feodalizm we kapitalizm, hemişe meýletin bolmasa-da, adamzady ädimme-ädim ynsançylygyň iň ýokary idealyna ýakynlaşdyrdy.

Antik zamandan biziň döwrümize çenli sosiologiki bilimleriň ösüş taryhy sosiologiki bilimlere jemgyýetçilik zerurulygynyň kemala gelýändigine şaýatlyk edýär. Adam ýaşaýşyň has kämil şertlerine näçe köp dalaş edýän bolsa, özüniň we goňşylarynyň ýaşaýan jemgyýetleri barada jikme-jikliklerini bilmek zerurlygyny şonça artyk duýýandyr. Irki döwürlerde sosiologiki bilimler ujypsyzdyr, emma adamzat jemgyýetiniň ösmegi bilen olar hem ýuwaş-ýuwaşdan baýlaşýar.

XIX asyryň ortalaryndan başlap, sosiologiki bilimler bilimiň aýratyn pudagyna öwrülýär. Belli fransuz pelsepeçisi Ogýust Kant sosiologiýa diýen düşünjäni ulanyşa girizýär. Bu adalga bilen ol jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryny öwrenmegi atlandyrýar. Ogýust Kant uzak wagtyň dowamynda fransiýa akyldary Anri Sen-Simonyň kätibi bolupdyr hem ylmy işleri onuň bilen bilelikde ýazypdyr. Şeýle-de bolsa, O.Kant bu nazaryýeti dolulygyna bir ulgama getirip we esaslandyryp ösdürmegi başarypdyr.

Sosiologiýanyň taryhyny bir näçe döwürlere bölýärler:

1) Jemgyýet baradaky sosiologiki bilimleriň gadymy dünýäde döremegi we berkemegi (Efsanalar we şadessanlar – hakykaty şöhlellendirmäniň iň gadymy görnüşleri; Gadymy Gresiýada we Gadymy Rimde empiriki häsiýetli çylşyrymly bolmadyk syýasy taglymatlaryň ösüşi.

2) Orta asyrlarda sosiologiki bilimleriň ösüşi (Awgustin Blažennynyň teisatiýasy, Galkynyş döwründe sosial bilimler we jemgyýet baradaky garaýyşlar sosiologiki bilimleriň emele gelmegi: N.Makiýewelli, Žan Boden, Gugo Grisip, Tomas Nebbs we başg.

3) XVII – XVIII asyrlarda jemgyýet we ynsan barada sosiologiki bilimleriň ösüşi. Hukuk we jemgyýetçilik şertnamasy garaýşy. Şarl Monteskýunyň, Žan Žak Russonyň sosiologiki garaýyşlary konserwatizm we liberalizm ideýalary.

4) XIX –XX asyrlardaky sosiologiki bilimler. (Ynsan baradaky ylym. O.Kontyň sosiologiýasy. Empiriki barlaglaryň intensiw ösüşi, akademiki sosiologiýa. Pozitiwizm, Naturalizm, ewolýusiwizm, organisizm, sosial-darwinizm. Ýagdaýa düşünýän sosiologiýanyň ussullarynyň we şahsyýet sosiologiýasy konsepsiýasynyň işlenip taýýarlanmagy. Maks Weber, Emil Dýurgeým we başgalar. XX asyryň 20-80 ýyllary aralygynda sosiologiýanyň häzirki zaman, intensiw pudaklaýyn differensiýasiýa emele gelýär. Sosiologiýa, aýratyn hem ABŞ-da durnukly ösüşe eýe boldy. 50-nji ýyllardan başlap Ýewropa

ýurtlarynda hem sosiologiýa güýçli ösmäge başlady. 80-nji ýyllardan başlap sosiologiýada bütinleý täzeden çemeleşme kemala geldi).

II.

Efsana taryhyň irki döwürlerinde döreýän hekaýat bolup, olaryň gahrymanlary (hudaýlar,gahrymanlar) tebigatyň we jemgyýetiň dürli hadysalaryny düşündirjek bolmaklykdyr. Jemgyýetiň ösmegi bilen dünýä akyl ýetirmegiň täze usullary döreýär, fantastikobrazlar ýuwaş-ýuwaşdan adamlar bilen çalyşýarlar, adamlar ilkinji orna geçýär. Sosial bilimiň täze görnüşi – epos emele gelýär. Öň ykbala köre – kör boýun bolan adam, indi ykbal bilen söweşe girýär, ýa özüni beýleki adamlaryň bagty üçin gurban berýär ýa-da ýamandan üstün çykýar. Ýagny, efsana hem, epos hem pelsepe, ahlak, adamlaryň gündelik durmuş kadalary, ruhy medeniýet elementleri sepleşip gelýär.

Gadymy Grek taryhy sosiologiýa ylmyna hem örän baý material berýär. Antiki döwrüň akyldarlary jemgyýetçilik durmuşyny, taryhy kosmiki barlygyň bir bölegi hökmünde göz öňüne getirilýär. Emma ähli meseleleriň merkezinde Adam, döwlet, jemgyýetiň sosial aňy durýar.

Gadymy Grek pelsepeçisi Demokrit (B.e. öňki 460-30 ýyllara ýakyn) jemgyýet tebigatyň esasynda emele gelýär, adamlar öz zerurlyklaryna laýyklykda ösýärler diýip düşündirýär. Demokritiň düşünjesine görä zeruryk – durmuşyň mugallymydyr. Demokrit gulçylygy kanuny we zerur ýagdaý, döwletiň we syýasatçylaryň baş maksady azat raýatlaryň umumy bähbitlerini garamakdyr diýip hasap edipdir. Her bir şahsyýet döwlete gul öz hojaýynyna tabyn bolmalydyr, jemgyýetçilik işleri bolsa tebigat bilen sazlaşykda bolmalydyr, çünki onuň özi tebigatyň esasynda dörändir. Iň netijeli döwlet gurluşy diýip demokratiýany hasap edýär. Demokratik döwletde garyp bolup ýaşamak monarhiýada baý bolup ýaşandan has gowudyr. Demokritiň taglymatynyň

artykmaçlygy onuň adama döwletde ýaşaýan we umumy abadançylyga getirjek kanunlara boýun egýän syýasy şahsyýet hökmünde garaýanlygyndadyr.

Gadymy Grek akyldary Platon (B.e.öň 427-327 ýyllar) Gündogarda Eflatun ady bilen bellidir. Esasy işleri “Syýasat”, “Döwlet”, “Kanunlar”. Eflatun döwlete we kanunlara zerurlygy adamlaryň öz isleglarini kanagatlandyrmaga bolan hemişelik islegi, jemgyýetçilik idealyna ýakynlaşmaga ymtylyş bilen düşündirýär. Eflatun döwletiň dogry we dogry däl görnüşi bar diýip hasap edipdir. Dogry görnüşleri: monarhiýawe aristokrariýa, çünki olar kanunyny döwletler, olar jemgyýetde ylalaşygy we abadançylygy, bolçulugy döretmäge gönükdirlendir. Dogry dälleri: tişokratiýa (gopbamlaryň açgözleriň, her zatdan peýda gözleýänleriň hökümeti), oligarhiýa (kanuny däl bolmasy mümkin bolan köpçüligiň häkimligi), tiraniýa (bir adamynyň hemmeleri häkim bolmagy). Döwletiň dogry we dogry däl görnüşlerine ideal döwlet garşy doýýar. Bu döwlet ýaşaýşyň baş prinsipini – adyllyk hem abadançylygy durmuşa geçirmeledir.

Antik syýasy düşünjäniň iň ýokary gazanany Aristoteliň (B.e. öň 384-322ý.ý.) döredijiligidir. Bu akyldar gündogorda Eristun ady bilen meşhurdyr. Eristun Eflatunyň okuwçysy, mantyk, psihologiýa we beýleki ylymlary esaslandyryjydyr. Esasy işi “Syýasat” atly eseridir.

Adam ýaşaýşynyň manysyny Eristun işiň (zähmetiň) kömegi bilen abadançylygyň bolçulygyň ýokary derejesine ýetmek diýip hasap edýär. Diňe aňly-başly iş adamyny gözelleşdirýär. Döwlet adamlar arasyndaky gatnaşyklaryň iň ýokary derejesidir. Ilkinji gezek adamynyň durmuş obrazy baradaky meseläni galdyrýan we ony belli bir derejede çözýär. Eristunyň düşündirmesine görä, ynsanyň durmuş obrazy onuň akyl ýetirişine, bagt hem abadançylyk diýip nämä düşünýändigine baglydyr. Ol adamyň durmuş obrazynyň 3 dürlisibarada gürrüň edýär:

a) Gödeklik, oňşuksyzlyk- adamlar bagt hem abadançylyk diýip diňe güýmenjelere, wagtyňy hoş geçirmäge düşünýärler.

b) Döwlet – bu ýerde ynsan adyna mynasyp we işjeň adamlar ýaşaýşyň maksady diýip biri-biriňe hormat diýip düşünýärler.

ç) Synlaýjylyk.

Eristun dynç we wagt ýaly sosiologiki meselelere hem möhüm zat hökmünde garaýar. Dynç wagtyň ýoklugyny garyplyk bilen baglanyşdyrýar. Ilkinji gezek döwletde ylmyň zerurdygy baradaky pikiri öňe sürýär. Gadymy Rimiň taryhy empiriki barlaglaryň ösendigi barada köp faktlar we maglumatlar berýär. Rowaýatlardaky gahryman Romulyň zamanyndaRimiň ilatynyň sanawy weýazuwy geçirilipdir. Rimde ilkinji gezek ilat ýazuwyny, baýlyk – barjamlylygyna görä gatlaklara bölmegi girizen Serwiň Gulliý bolupdyr. Pagannales baýramçylygy şu hökümdaryň ady bilen baglanyşyklydyr. Bu baýramçylyk geçirilende ýaşaýjylaryň ählisi ýygnanyp jynsyna we ýaşyna görä dürli dürli gymmatly demir pul getiripdirler. Pullary hasaplanyň uly ýaşly we kämillikýaşyna ýetmedikleriň sany kesgitlenendir. Statistika barlaglarynyň (soňky imperatorlaryň, mes.Oktawian Awgustuň, döwründe) çäkli amaly ähmiýeti bolupdyr.

III.

V asyrdan orta asyr döwri başlanýar. Bu döwür öz gezeginde 3 döwüre bölünýär: irki Orta asyrlar (V-X asyrlar), ösen feodalizm döwri (XI-XV asyrlar), giçki orta asyrlar (XV asyryň ahyry – XVII asyryň ortalary). Orta asyr zamany antik döwür bilen deňäniňde yza tarap ädim ätme boldy. Töweregi gurşap alýan barlyk baradaky ylymyň ösüşinde yzagaýdyşlyk bolupgeçdi. Ähli zat hristian dinçileriniň täsirindedi, bu dünýägaraýyş ynsany Hudaýyň ýaradyny hasap edipdir. Orta asyrlaryň belli dini akyldary Awreliý Awgustin (354-430 ýyllar) öz “Ilahy şäher”, “Zemindäki şäher” we beýleki

işlerinde döwlete “Ylahy şäheri” – ýagny dini garşy goýýar, ynsany ruhuň şalygy bilen zemindäki material Şalyk bile aradaky araçy hökmünde göz öňüne getirýär. Ruhy häkimligiň dünýewi häkimetden ileridigini ykrar edýär.

Täzeden dikeldiş (Возрождение) döwrüniň sosiologiýasy iki çeşmäniň antik döwrüň Orta asyrlaryň sosiologiýasynyň esasynda dörändir. Dünýä akyl ýetirmekdäki teokratiki pikirlenmäni merkezinde özüne mahsus zerurlyklary we ymtylmalary bolan ynsan duran pikirlenme çalyşýar. Gumanizm- şahsyýet hökmünde ynsanyň, onuň azat ösüşe bolan hukugynyň gymmatlygynyň ykrar edilmesi, adamlaryň deňhukuklylygy, azatlyk, adyllyk ýaly prinsipleriň adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň kadasy (normasy) hökmünde jar edilmesidir. Dünýä gumanistik akyl ýetiriş bedeniň we ruhuň sazlaşykly ösmegini göz öňünde tutýar. Täzeden döreýiş döwründe gumanizm (ynsanperwerlik) bilen bilelikde dürli nazaryýetler, syýasy akymlar döreýär. Nikkollo Makiawelli (1468-1527) garyp düşen aristokrat maşgalasynda Fransiýada dünýä inýär. Eflatunyň we Eristunyň, Siseranyň we Plininiň, Plutarhyň we beýlekileriň, işlerini örän oňat özleşdirýär. Esasy işleri “Hökümdar”, “Söweş Sungaty”. Ilkinjileriň biri bolup syýasaty adamynyň işiniň özbaşdak ugry hökmünde garaýr. Adamynyň özüni alyp barşynyň herekete getiriji güýji bähbitdir. Bähbit adamlaryň şahsy emlägini goramak, ony artdyrmak islegi bilen baglydyr. Bu bähbit döwletiň döremegine getirýär. Döwlet bu ýerde adamybelli bir çarçuwalarda saklap biljek güýç hökmünde göz öňüne getirilýär.Makiwelliniň taglymatynyň özboluşlygy häkimligiň hiç bir görnüşini hem her bir ýagdaý üçin kämil hasap etmeýänligindedir.

Syýasat adamsy özünde ýolbarsyň hem tilkiniň häsiýetlerini jemlemelidir. Ýolbars bolup ol aşyk söweşde garşydaşlaryndan üstün çykyp bilen, tilki bolup bolsa ol gurulan gapanlardan sowlup geçmäni başarar.

Frensis Bekon (1561-1626ý.ý.) – iňlis akyldary. Işleri “Täze organon”, “Täze Atlantida”. Ynsanlary adalat birleşdirýär. Adalat – özüne etmelerini islemedik zadyny ile etmezlikdir.

Žan Baden (1530-1596) fransuz syýasy işgäri, ýurist, sosiolog.Esasy işi: “Taryhy ýeňillik bilen öwrenmegiň usuly”. Ol jemgyýetçilik ýaşaýşynyň faktory hökmünde geografiki gurşawy kesgitleýär. Ol esasy wezipe klimata, topragyň hasyllylygyna, relýefe degişlidir, olar adamlaryň ýaşaýşynyň aýratynlyklaryny, olaryň psihologiki we intellektual derejelerini kesgitleýär diýip hasap edýär. Demirgazykdan günbatara, gündogardan günbatara ýer şarynyň ýaşaýjylary 3 geografik guşakda: yssy, aram we sowuk guşaklarda ýaşaýar. Demirgazygyň ýaşaýjylary fiziki taýdan güýçli, gazaply, akyl-paýhasy pesiräk, ersasam hünärmentçilik bilen meşgullanýarlar. Günortanyň ýaşaýjylary adatça pes boýly, fiziki taýdan gowşak, ruhy taýdan güýçli, mekir, garasöýmez, gysganç bolýarlar.Aram guşaklykda – Gresiýada, Italiýada, Fransiýada, Germaniýada ýaşaýalar üçin batyrgaýlyk, fiziki taýdan güýçlilik, paýhaslylyk, alçaklyk häsiýetlidir.

Žan Baden ilkinji bolup özbaşdaklyk diýen düşünjäni ulanyşa girizdi we giňden esaslandyrdy. Onuň düşündirişine görä özbaşdaklyk döwletiň hemişelik we çäklendirilmedik häkimligi, dine, jemgyýetiň gatlaklaryna, başga bir döwlete garaşsyz bolmagydyr.

Žan Badeniň esasyhyzmatlary döwlet we hukuk konsepsiýalaryny (garaýyşlaryny) işläp düzmekdir. Şeýle hem ol sosiologiýada geografiýa ugrunyň esasyny düzdi.

## XVII – XVIII a.a. sosial – syýasy bilimler.

XVII – XVIII asyrlar ynsan hem jemgyýet baradaky bilimleriň güýçli ösmesi

bilen häsiýetlendirilýär. Ylmy bilimleriň täze pudaklary döreýär (syýasy ykdysadyýet, durmuşy statistika, demokratiýa we başg.), durmuşy akyl ýetirmek üin matematiki usullary ulanmak baradaky mesele goýulýar. Durmuşy gymmatlyklryň we dünýä akyl ýetirmeleriň orta asyr ulgamy kem – kemden dargaýar. Durmuşy bilimlere naturalizm gitdigiçe çuňňur aralaşýar. Bu akym barlaglary durmuşy meseleleriň tebigy we biologiki kesgitlemelerini aýdynlaşdyrmaga, hakyky "ynsan tebigatyny" agtarmaga gönükdirýändigi bilen tapawutlandyrýandyr.

Gugo Gorasiý (1583 – 1645 ý.ý.) niderland ýuristi, taryhçysy, döwlet işgäri, tebigy hukuk we jemgyýetçilik şertnamasynyň esasy taglymatçylaryndan biridir. Jemgyýetçilik şertnamasy taglymaty – bu döwletiň we hukugyň akylýetirmegiň esasynda adamlaryň arasynda şertnama baglaşylmagynyň netijesinde döreýändikleri baradaky idealistik taglymatdyr. Gugo Gorasiý kayýet tarapyndan tussaglyga hököm edilýär we ýurtdan gaçyp çykmaga mejbur bolýar. Ol Fransiýa gaçyp çykýar. Döwlet we hukuk meseleleriniň üstünde işlemek bilen ol täze usulyýete daýanýan syýasy – hukuk doktrinasyny işläp düzýär. Gorasiniň taglymatynyň esasy daýanç nokady adamynyň tebigaty, adamlaryň sosial hilleri, tebigy hukuk bilen erkiňiň ýöretmek hukugynyň arasyndaky tapawut.Tebigy hukugyň çeşmesi bolup adamynyň aňy çykyş edýär. Onda adamynyň rahat hem paýhasly ýagdaýda beýleki adamlar bilen aragatnaşyk saklamaga bolan islegi uly orun eýeleýändir. Gorasiniň taglymatyna görä bir wagtlar tebigy ýagdaý hököm sürüpdir, ne döwlet, ne-de hususy eýeçilik – hiç birisi hem bolmandyr.Ynsanyýetiň ösüşi, adamlaryň biri – biri bilen aragatnaşyga ymtylyşy olaryň döwleti döretmek barada şertnama baglaşmalaryna getiripdir. Döwletiň şertnama esasynda dörändiki baradaky taglymat onuň Alla tarapyn berlendigi baradaky taglymata gös- göni garşydy. Bu taglymat

boýunça adamlar meýletinlik bilen döwlete birleşipdirler. Döwletiň nyşany hökmünde ýokary häkimet ortaça çykypdyr. Gugo Gorasiý tarapyndan işlenip düzülen bu taglymat halkara häsiýete eýe bolýar.

Tomas Gobbs – iňlis pelsepeçisi (1588 – 1679). Esasy işi “Lewiatan ýa –da döwletiň materiýasy , görnüşi we häkimeti“. Ol hukuk we döwlet baradaky taglymaty ähli tebigy bilimleriň materiýasy hökmünde çykyş edýän geometriýa ýaly takyk ylma öwürmäge ymtylypdyr. Hukuk we adalat baradaky taglymatlaryň üstünde hemişe jedel edilipdir, emma çyzyklar we şekiller baradaky taglymat hiç wagt jedelleşilmändir, çünki olar adamynyň bähbidine degmändirler. Gobbs öz taglymatyny ynsanyň tebigatyny we haý – höwesini öwrenmegiň esasynda işläp düzüpdir. Ynsanlara bäsdeşlik (ýagny peýda gazanmaga ymtylyş), ynamsyzlyk (howpsyzlyga ymtylyş) we Şöhrat söýerlik mahsusdyr. Haý – höwes ynsanlary biri- birine duşman edýär: adam adama möjekdir. Döwlet – bu beýik Lewiatan (Kitaby Mukaddesdäl ýylganç jandyr), emeli adam ýa-da ýerdäki hudaýdyr, ýokary häkimet –döwletiň ruhy , kazylar we emeldarlar – bogunlar, geňeşfarlar – ýat , kanunlar –aň we erk, baýraklar we jezalar – nerwler, raýatlaryň bol – elin ýaşaýşy – güýç, raýat parahatçylygy – saglyk, pitne – kesel, raýat urşy – ölüm we ş.m. Kanunlaryň maksady islendik hereketi etmekden adamyny saklamak däl – de, eýsem şol hereketleri dogry ugra gönükdirmekdir. Kanunlaryň ýoluň iki gyrasyndaky çarçuwalar ýaly bir zatdyr, şol sebäpli hem artykmaç kanun zyýanlydyr we gerek däldir. Gobbsuň jemgyýet we döwlet baradaky taglymatynda jemgyýetçilik hadysalaryna materialistik garaýyşlary tohumlary görünýär.

Tebigy we ýemgyýetçilik şertnamasy taglymatynyň görnükli nazaryýetçisi hökmünde, {VIII asyrda golland materialist pelsepeçisi Benedikt (Baruh) Spinoza orta çykýar (1632 – 1677). Spinozanyň ýaşan döwri Niderlandlarda synpy gapma – garşylygyň güýçli ýitileşmesine gabat gelýär, şol

sebäpli hem öz döwrüniň bu gapma – garşylyklary Spinozanyň taglymatynda öz beýanyny tapýar. Tebigy hukuk diýip Spinoza tebigatyň we onuň her bir böleginiň ýaşamasyny we hereket etmesini, üpjün edýän zerurlyga düşünýär. Ynsan diňe aňyny ulanyp hereket eden ýagdaýynda azat hem hökmürowandyr. Emma adamlar köpçüligi beýle däldir – olar aňsyz hereketler etmäge iterýän passiw haý – höwesiň guludyrlar. Ine, şu ýagdaý hukuga we döwlete bolan zerurlygy ýüze çykarýar. Egerde ynsan tebigat tarapyndan diňe akyl – paýhasyň görkezýän zadyndan başga zady höwes etmez ýaly edip ýaradylan bolsady, jemgyýet hiç hili Kanunlara zerurlyk duýmazdy. Demokratiýanyň häsiýetli aýratynlygy häkimetiň we kanunlaryň halka garşy durmaýanlygynda we halkyň azatlygyna ters gelmeýänligindedir. Kanunlaryň Paýhaslygy, olaryň köp adamlyk ýygnaklarda, gapma – garşy haý – höwesleriň göreşiniň netijesinde kabul edilýändigi bilen üpjün edilýär. Demokratik döwlet döredilende adamlar köpçülik tarapyndan kabul edilen çözgüdiň karar hökmünde ykrar ediljekdigi barada ylalaşyga gelýärler. Beýle ýemgyýetde hemme kişi deň tebigy ýagdaýdyr.

II.

XVIII asyrda faktlary, tejribäni nazaryýet bilen baglanyşdyrmaga synanyşyk edilýär. Sosial – syýasy aňyýetde esasan iki akym ýüze çykýar.

1) Birinji akym ynkylabyň netijesinde dörän jemgyýetçilik gymmatlyklaryny, esasan hem, buržuaz jemgyýetiniň barlyklaryny onuň kabul edenleri birleşdirýär. Bu akym liberalizmdir.
2) Ikinji akym haýsydyr bir görnüşde öňki ýagdaýyň saklanmasy üçin hereket eden, feodalizmi ideallaşdyran adamlary birleşdirýär. Bu akyma konserwatizm diýilýär. Bu akym ynkylaby zar salma diýip hasaplaýar.

Bu taglymaty esasy işläp düzenler Edmund Berk we Žan de Mestrdir.

Liberalizmiň atasy ykdysady taglymatlaryň nusgawy wekili Adam Smit hasap edilýär.

Sosialogiýanyň nukdaý nazaryndan liberalizmiň ideýalaryny Gerbert Spenser (1820- 1901) esaslandyrýar. Ol döwlet öz agzalarynyň bähbitlerini goraýan paýdarlar jemgyýetidirdiýen pikiri öňe sürýär. Tebigatyň bir bölejigi bolmak bilen adamzat ýaşaýyş ugrundaky göreşe gatnaşmaga mejburdyr.Liberalizm aňyýetiniň sosialogik taglymatlaryň emele gelmeginde örän möhüm ähmiýeti bardyr.

Şarl de Tokwil (1805 – 1859) fransuz syýasatçysy, taryhçysy we sosiologi. Şarl de Tokwiliň demokratiýa baradaky durmuşy pelsepesi liberal we konserwatiw ideýalaryň özboluşly utgaşmasydyr. Esasy işleri: “Demokratiýa we Amerika”, “Köne düzgün we ynkylap”. Aristokratik we Demokratik jemgyýetlerini deňeşdirip, olary biri – birinden tapawutlanýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ideal tipi diýdip atlandyrýar. Demokratik jemgyýetlrde abraýly adamlara hormat duýgusy ýitýär: adamlar ilkinji nobatda öz pähim – paýhaslaryna bil baglaýarlar.Diýmek demokratiýa adamlary biri birine hem ýakynlaşdyrýar, hem biri – birine täsir etmez ýaly ýagdaý döredýär.

Şarl de Tokwil demokratiýanyň artykmaçlyklaryny we ýetmezçiliklerini açyp görkezpär.

Sosialogiki pikiriň taryhynda käbir adamlaryň “sosialogiýanyň azan atasy” adyny beren, Ogýust Kantyň mugallymy we ussady Anride Sen - Simonyň döredijiligi çuňňur syýasy yz galdyrandyr. XIX asyryň başynda gözegçilik tejribe ýoly bilen ýörite ylymlary ulanyp alynýan pozitiw (oňyn) bilimlere barha uly üns berilmäge başlady. Şeýlelikde pozitiwizm diýip at alan akym döredi 1813-nji

ýylda özüniň “Ynsan baradaky ylmyň öçerki” atly işinde Sen – Simon “gözelçiliklere esaslanmak bilen, ynsan hakyndaky ylymlara pozitiw häsiýet bermek”, hakyky ylym hakyndaky absolýut garaýyşdan ýüz öwürmek baradaky garaýyşy ret etmek baradaky talap bilen çykyş etdi. Jemgyýeti öwreniş ylmyna täze, pozitiw ugry teklip edýär, Sen – Simonyň pikiriçe bu adamynyň hakyky dünýäsine akyl ýetirmäge mümkinçilik berer. Sen – Simon jemgyýetiň ilerlemesiniň esasy bolup bilimleriň “ýokary kanun” hökmünde seredilýän ynsan aňyýetiniň ilerlemesi hyzmat edýär diýip hasaplapdyr. Pozitiwizm şu teklipleri öňe sürýär:

- jemgyýete öz boluşly ylmy ders we ylmy barlaglaryň obýekti hökmünde garamaly;
- gözegçiligi we hadysalary hasaba almagy takyk usullaryny işe girizmeli jemgyýete onuň tebigat bilen arabaglanyşygy ulgamynda seretmeli.

Taryh diňe bir faktlary umumylaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem olaryň arasyndaky arabaglanyşygy : geçmiş – häzirki ýagdaý – geljek ulgamyny görmelidir. Sen – Simonyň ähli pikirleri şu ulgamda esaslanýar.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Ogýust Kant pelsepe ugry hökmünde pozitiwizmiň esasy garaýşlaryny esaslandyrýar.

## Iň täze döwrüň sosial – syýasy mekdepleri.

Sosiologiýa ylym hökmünde XIX asyryň 30-njy ýyllarynda döredi. Onuň döremeginiň deslapky şertleri:

1) Sosial – ykdysady taýdan kapitalizmiň ösmegi. Kapitalizm jemgyýetçilik gatnaşyklary meselelerini sosial bilimleriň merkezine goýdy.
2) Dünýä bazarynyň emele gelmesi, meňzeş syýasy gurluşlaryň döremesi, dürli medeniýetleriň özara

baglanyşygynyň emele geliş prosesi. Bir bütewi sosial dünýäniň emele gelmek tendensiýasy.

3) Sosial wakalaryň we sosial çaklamalaryň ösüşini öňünden görmek mümkinligi baradaky ideýa .
4) Jemgyýetiň özboluşlygyna akyl ýetirmegiň aýratyn predmeti we obýekti hökmünde düşünmek.

a) Ogýust Kont – fransuz filosofy, sosiology, ylmy ýaýradyjy. Sosiologiýa diýen düşünjäni ulanyşa girizen alym. Bu adalga bilen ol jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryny ylmy taýdan öwrenmegi atlandyrypdyr. Sosiologiýa faktlara esaslandyrylmalydyr we sosial hadysalary empirik we analitik usul bilen öwrenmelidir. Şeýdilse Sosiologiýa diňe pikirlenip gelinýän abstrakt düşünjelerden daşlaşyp, pozitiw (oňyn) bolar, ýagny jemgyýetiň ýaşaýşynyň meselelerini oňyn çözmäge ukyply bolup biler. O.Kant sosiologiýany sosial fizika diýip hem atlandyrypdyr, şoňa esaslanyp hem sosial statikany we sosial dinamikany öwrenipdir. Sosial statika jemgyýeti ähli elementleriň deňagramlylygy we bütewilik ýagdaýy hökmünde öwrenýär, esasy kanun hökmünde sosial sazlaşygyň kanunyny kabul edýär. Sosial dinamika – jemgyýeti ösüş we bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçme hökmünde öwrenýär. Sosial dinamikanyň esasy kanuny 3 ýagdaýyň; ylahy – (dine düşünje), metafiziki (kapitalizmiň öň ýanyndaky durnukly, üýtgedip bilen aýan ýagdaý) we pozitiw (kapitalizm zamany) çalşyp durmasy diýip hasap edipdir. Ylmy barlagyň esasy usuly hökmünde gözegçilik hem tejribäni öňe süzüpdir. Ýagny, O Kant takyk empiriki barlaglar gaümegiň maksatnamasyny düzýär.

b) O.Kontyň sosiologiýasy ylmyň sosial meseleleri öwrenip başlamagyna geçmek prosesini çaltlaşdyrypdyr. Dürli ugurlar, ýagny naturalizm, sosial darwinizm, geogratiki mekdepler döredi. Naturalizm – soail syýasy konsepsiýa bolup tebigy bilimleriň usullaryna we akyl ýetiriş serişdelerine

esaslanýar, ýagny naturalizm – sosial hadysalary biologiýanyň ýa- da tebigatyň üsti bilen düşünmekdir.

Gerbert Spenser – iňlis filosofy we sosiology. Esasy işleri: "Sosiologiýa öwrenmek predmeti hökmünde", "Sosiologiýanyň esaslary". Spenseriň ewolusion nazaryýeti XIX asyryň nazaryýetleriniň iň giň ýaýranlaryndan biridir. Organiki dünýäniň ösüşini öwrenmegiň esasynda Çarz Darwinden 7 ýyl öň biologiki ýaşaýyşda ewolusiýanyň bardygy baradaky pikire gelýär we tebigatda tebigy seçginiň we diri galmak üçin göreşiň prinsiplerini işläp düzýär. Jemgyýeti biologiki organizm bilen deňlňýär, bu bolsa sosial ulgamyň strukturasyny düzýän elemenleriň funksiýasi häsiýetlendirilmesinde özboluşlyga getirdi. Meselem, ekerançylyk we senagat iýmitiň roluny, söwda - gan aýlanyşyň, goşun – deriniň, ulag ulgamy - damarlaryň roluny ýerine ýetirýär diýip hasap edipdir. Sosiologiýada giňden ulanylýan düşünjeler bolan ulgam, funksiýa, struktura, institut ýaly adalgalary ilkinji bolup ulanyşa girizen we yzygiderli ulanmaga başlan Spenserdir. Bu akyldaryň sosialogiýadaky döredijiliginiň ähmiýetidir. Sosial ewolusiýadaky biologiki ewolusiýanyň dowamy diýip kabul edipdir.

Şol wagt naturfilosofiýanyň täsiri astynda dörän sosial darwinizm organizmden tapawutlylykda biologiýanyň kanunlary ulanmaga synanyşýar. Bu ugruň belli mekdepleri – Wolt Bejgat, Lýudowik Gumplowiç we başg. Bu ugruň wekilleri diňe – sosialogiýa bilen çäklenmän, eýsem, antropologiýa, psihologiýa, politologiýa (syýasatşynaslyk), sungat bilen hem meşgullanypdyrlar. L.Gumplowiç (1838 – 1909) polýak – awstriýa sosiology. Esasy işleri: "Jyns we döwlet", "Jynsparazlyk göreşi", "Sosiologiýa we syýasat". Sosiallyk bu tebigat kanunlarynyň bir görnüşi, toparlar arasyndaky, sosial bileleşikler arasyndaky göreşi tebigy hem baky ýagdaý hasapedýär.

Naturalizm akymynyň çäklerinde jynsy – antropologiki mekdep döreýär.Iň tanymal wekilleri: Otto , Žarž Waşe de Lýapus we başg. – sosial antropologiýa konsepsiýasyny işläp düzýärler. Olar jynsy faktory jemgyýetiň ösüş taryhynda esasy hasap diýip, jynslary ýokary hem pes jynslar diýen toparlara bolýar.Hýuston Stýuart Çemberlen – Ýewropa siwilizasiýasynyň çeşmesi üç medeniýetdir, ýagny, ýewropalylary pelsepäni, sungaty,şygyryýeti beren grek medeniýeti; raýatlyk, döwlet we hukuk diýen düşünjeleri beren rimliler, ýehudalyk we hristiançylykdyr diýdp hasap edýär. Gitler hökimet başyna geleninden soňra Germaniýada Çemberlen milli gahryman diýip yglan edildi. Jynsy – antropologiki mekdepler netijesiz boldy. O.Kant olary gazaply tankyda sezewar etdi.

**ç)** O.Kontyň, Spenseriň nazaryýetleriniň, sosiologiýadaky naturalizmiň we beýleki akymlaryň tersine K.Marks (1818 – 1883) öz sosiologik garaýşynda düýbünden başga netijelere geldi. Olaryň esasyny prosessiň taryhyna materialistik garaýyş düzýärdi. Täze garaýşyň düýp özeni jemgyýetiň ösüşinde ykdysady faktoryň esasy rolunyň bardygynyň subut edilmesidir.

Marks öz döwrüniň ähli sosial ylymlaryny – ykdysady, hukuk, taryhy, syýasy we beýleki ylymlary täzeden pikir eleginden geçirmäge ymtylypdyr. Ol jemgyýet barada täze aýratyn ylmyň döredilmesi baradaky pikiri goldamandyr. O.Konta göra Sosiologiýanyň ýerine ýetirilmeli funksiýalaryny, Marksyň pikiriçe syýasy ykdysadyýet – jemgyýetiň ykdysadyýeti baradaky ylym hakykatda ýerine ýetirýär. Jemgyýetiň ösüşiniň döwürleriniň ähli döwürlerinden Marks kapitalizmi has çuňňur öwrenipdir.Onuň esasy işi bolan “Kapital” şu döwre bagyşlanandyr. Karl Marks real sosial emele gelmeleriň, ilkinji nobatda hem işçi synpyny çuňňur öwrenmäge synanşypdyr. Ol hatda işçi synpyň sosialogiýasyny

öwrenmek derejesine çenli barypdyr, muňa “işçiler üçin soragnama” düzmesi hem aýdyň subutnama bolup biler. Sosiologiýanyň mundan beläkki ösüşi üçin Marksyň adamyny öwrenmek baradaky pikirleri örän gymmatlydyr.

II.

XX asyryň başynda köpçülik psihilogiýasy baradaky garaýyş has giňden ýaýrapdy. Bu garaýşyň döredijisi Gýustaw Leben (1841 – 1913) fransuz sosiology, antropology, sosial psihology. Esasy işleri “Köpçülik psihologiýasy”, “Halklaryň we köpçüligiň psihologiýasy”, “Siwilizasiýanyň emolýasiýasy”. Ol sosial proseslerde esasy roly aň dälde, duýgular oýnaýar diýip hasap edipdir. Lebene göra döwürdäki ýaşaýyş köpçüligiň özüni alyp barşy bilen kesgitlenýär, ol bolsa hemişe tebigy, ýykan – ýumran ediji güýçdir. Köpçülikde şahsyýet jogapkärçilik duýgusyny ýitirýär we irrasional duýgularyň, ýagny akyl bilen düşünip bolmajak duýgularyň täsirine düşýär. Köpçülik şahsyýeti gipnozlaýar we olar duýgularyň täsiri astynda edýän hereketlerine aň ýetirmezden hereket etmäge başlaýarlar. Köpçüligi saklamak mümkin däl.

Çarlz Kuli - amerikan sosiology, sosial psiholog “Ýüzgörülýän aýnadaky Men” atly kitabyň, kiçi toparlar teoriýasynyň awtory. Jemgyýeti psihologiki organizm, bu organizm şahsyýetleriň, sosial toplulyklaryň, gatlaklaryň, toparlaryň arasyndaky ýakyndan düşünişmäniň esasynda bitewilik hökmünde ýaşaýar. Bu ýerde sosial we şahsy bir bütewiligiň bölekleri hökmünde bütewidirler. Adam özüniň beýleki adamlar bilen gatnaşygy netijesinde adam bolýar. Ol adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk prosesini we beýleki görnüşleri sosiologiki analizi obýekti hökmünde belleýär. Ylmy ulanyşa ilkinji bolup kommunikasiýa (aragatnaşyk) adalgasyny girizdi. Bu adalga adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň döremesiniň we ösmesiniň mehanizmi hökmünde kesgitledi.Çaganyň ejesi, garyndaşlary, tanyşlary bilen

aragatnaşyklarynyň ýuwaş – ýuwaşdan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna we sosial baglanyşyklaryna getirýändigini, olaryň sferasynyň sosial aragatnaşyklarynyň we şahsy gatnaşyklaryň giňemegi bilen giňeýändigini Kuli özpikirleriniň mysaly hökmünde görkezýär. Ilkinji orna şahsyýetara aragatnaşyklary we arabaglanyşyklary goýýar.

Psihologiki sosiologiýanyň akymlaryndan biri hem instinktwizm bolup, ol sosial hadysalary we prosesleri ynsanyň biologiki tebigatyna ýüzlenmek bilen düşündirmeli diýen pikirden ugur alýar. Bu akymyň esasyny Uilýam Mak-Duglasyň sosial özüňi alyp barşyň instinktler taglymatydyr. Bu taglymatyň baş ideýasy ynsanyň sosial özüni alyp barşynyň sebäbiniň eneden dogma alan instinktleri hasaplamasydyr.

III.

Sosialogiýanyň XX asyrdaky ösüşiniň esasy tendensiýalarynyň biri hem empirizm taglymatynyň ösüşidir. Empiriki sosiologiýa diýip takyk sosial faktlary toplamak we analiz etmek, şeýle hem soragyň (ýazmaça hem dilden), sosiologik gözegçilik, eksperiment we ş.m. ýaly sosial usullaryny ulanmak bilen bagly barlaglar göz öňünde tutulýar. Şeýle barlaglar 20-30-njy ýyllarda ilki ABŞ-da soňra beýleki ýurtlarda hem giňden geçirilmäge başlady. Ilkinji empiriki barlaglar XX asyrda geçirilmäge başlady diýmek ýalňyşlyk bolardy. Sosial hasabatsyz empiriki soçiologiýa ösüp bilmezdi. Onuň binýady XIX asyrda fransuz – belgiýa alymy Adolf Kýotl (1796-1874) tarapyndan tutuldy. Ol jemgyýetçilik durmuşyndaky birnäçe statistik kanunalaýyklaryň üstüni açdy. Uilýam Tomasyň we Floriano Inamskiniň “Polýak daýhany Ýewropada we Amerikada “ (1918-20ý.ý.) işi düýbünden başgaça boldy. Bu işde dürli çeşmelere (gündelikler, terjimehallar, ýatlamalar, hatlar) esaslanyp adamlaryň ýaşaýşy analiz edilýär. Şu işden soň empiriki sosialogiýa öz güýçli ösüş döwrüne aýak basýar. Bu ösüş usulyýete, tehnika, barlag

işleriniň barşyna barha ýokarlanýan gyzyklanmalarda ýüze çykýar. Sosiologlary şäher ýaşaýşynyň, jenaýatçylygyň, dürli kadadan çykmalaryň meseleleri tolgundyrýardy. Döwlet birnäçe wagtyň dowamynda şeýle barlaglary maliýeleşdirdi, emma sosiologlaryň paş ediji materiallarynda jemgyýetçilik gurluşynyň esaslaryny howp salynýar hasap edip, maliýe kömegini bermesini bes etdi.

Emma sosialogiýadaky empirik tendensiýany saklamak eýýän mümkin däldi.

Munuň esasy sebäbi bolsa sosialogiýanyň düýbünden täze sfera – önümçilige çykmagydy. Industrial sosialogiýa döräp başlapdy. Ony esaslandyryjylaryň we tejribäniň ýolbaşçylaryndan biri amerikan sosiology we psihology Elton Matodyr. Eksperiment hatorn eksperimenti diýen ady aldy (Çikagonyň ýakynyndaky “Western EW trk Kompani” kärhanasynyň ýerleşen Hotorn şäheriniň ady bilen bagly). Ilki bada bu eksperimentiň sosiologiýa bilen hiç hili baglanyşygy ýokdy. Gürrüň diňe iş ýerleriniň ýagtylygy näçe ýokary bolsa işçileriň iş öndürijiligi şonça ýokary bolýar diýen ylmy çaklamany subut etmek barada barýardy. Emma tejribe geçirilýän otagda yşyklandyrylyş derejesi üýtgände (gowulandyrylanda hem, peseldilen hem) zähmet öndürijiligi ýokarlanýardyr. Şonda meseläniň başga faktorlardadygy aýan boldy. Öndürijilige yşyklandyrma derejesiniň däl-de eýsem brigadanyň agzalarynyň arasyndaky gatnaşygyň täsir edýändigi belli boldy. Bu gatnaşyklary “Miýo adamçylyk” gatnaşyklary diýip atlandyrdy, çüňki olar adamlaryň biri – birine düşünmek islegine daýanýardy. Görnişi ýaly, önümçilikde geçirilen empiriki barlaglar sosial – psihologiki faktlaryň örän uly rolunyň üstüniň açylmagyna getirdi. Olar sosiologiýanyň giň mümkinçilikleriniň bardygyny görkezdiler we onuň firmalaryň işine has çuňňur ornaşdyrylmagyna itergi berdiler. Bu ugurdan kadrlar taýýarlamak zerurlygy ýüze çykdy we bu ugurda amerika uniwersitetleri işjeňlik görkezmäge başladylar.

Önümçilikde zerur bolan, döwrüne ýoň bolan we ýokary zähmet hakly hünär – sosiolog hünäri döredi.

Sosiologiýada empirikligi nazarylyk bilen birleşdirmek pikiri Robert Mertonyň esasy işleriniň biri bolan "Sosial nazaryýet we sosial struktura" atly eserinde öňe sürüldi. Belli rus – amerikaly sosiolog P.A.Sorokin (1889-1968) ilkinji işlerini 1922-nji ýyla çenli ýaşan ýeri bolan Orsýetde ýazýar, soňra bolsa Günbatara göçmäge mejbur bolýar. Dünýäde bolup geçýän üýtgeşiklikleri düşündirmäge çalyşýar.Bu alym sosiologiýadagiňden ýaýran garaýyşlaryň awtorydyr. Olaryň biri – sosiomedeni dinamika konsepsiýasy, beýleki biri integral tipli jemgyýet baradaky garaýşydyr. Birinji garaýşyň çäklerinde taryhy prosese hersi aýry aýrylykda belli bir bitewilik hökmünde çykyş edýän medeniýetleriň görnüşleriniň hereketi hökmünde garaýar. Jemgyýetiň integral tipi baradaky taglymatda geljegi öz görşüni suratlandyrmaga çalşypdyr.

Talkott Parsons (1902-1979) sosial hereket taglymaty sosial hereket diýip sosial hakykatyň özara baglanyşykly dürli derejeli göz öňünde tutulýar. Parsons esasy dört ulgam barada – sosial ulgam, medeniýet, şahsyýet hem organizm barada gürrüň edýär. Bu ulgamlaryň her biriniň kadaly hereket etmesi üçin "Onuň" şerti ulgamyň gymmatlylyk nusgasyny saklamak, integrasiýa, bellenen maksada ýetmek, uýgunlaşmak şertleri berjaý etmesi zerur.

Bu nazaryýetleriň ählisi sosiologiýanyň köp sanly pudaklarynyň ösmegine itergi berdi. Bu pudaklara zähmetiň sosiologiýasy şäheriň, obanyň, ylym – bilimiň, medeniýetiň, maşgalanyň, syýasatyň we başgalaryň sosiologiýasy gelýär.

Soňky ýyllarda makro we mikrososiologiýanyň emele gelýändigi görünýär. Makrososiologiýa – jemgyýet, onuň düzümi we institutlary baradaky bilimler. Mikrososiologiýa – adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyk, olaryň özüni alyp baryşy we ş.m. Häzirki zaman sosiologiýasynyň ösüşiniň emele gele paradigmalar esasynda analize çemeleşmesi täze we

möhüm ýagdaýdyr. Paradigma düşünjesi ylmy ulanyşyga amerikan filosofy we ylmyň taryhyny öwreniji T.Kun taryhyndan XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryna girizildi. Bu adalga ylmy bilimleriň düýpli esaslarynyň belli bir derejedäki jemini aňladýar. Paradigma meseleleri goýmagyň we olary çözmegiň özboluşly ülňüsi (modeli) bolup hyzmat edýändir. Käte paradigma diýip iri nazaryýetlere, ýa-da nazaryýetler toplumyna, şeýle hem ylmyň haýsydyr bir pudagynda hemmeler tarapyndan kabul edilen üstünliklere hem düşünilýär. Şeýle paradigmalaryň biri gapma – garşylyk (konflikt) nazaryýetidir. Sosial prosesleriň analiziniň merkezine adamzat jemgyýetiniň tebigatyna mahsus bolan ýagdaý hökmünde gapma – garşylyk goýulýar (Belliň, Krowelsiň we beýlekileriň işleri). Şunlukda sosial ulgamyň durgunlaşmasyna ýol bermeýän we onuň ösüşini stimulirleýän gapma – garşylygyň obýektiw gymmaty bellenip geçilýär. Emma bu prosese päsgel berýän gapma – garşylyklar hem bellenip geçilýär. Sosiologlar olaryň hataryna synpy göreşi hem goşýarlar. Sosiolaglaryň pikiriçe esasy zat sosial gapma – garşylyklaryňösüp sosial dartgynlylyk ýagdaýyna geçmegine ýol bermezlikdir.Bu wezipäni diňe bir hökümet ýa–da guramalar däl-de, eýsem toparlar arasyndaky gatnaşyklary we jemgyýetçilik prosesleri öwrenýän sosiolaglar hem çözmäge gatnaşmalydyr.

**Jemgyýetiň sosial gurluşy we syýasat.**

Sosiologiýa ilki bilen sosial umumylygy we sosial gatnaşyklary öwrenýär. Sosiologiýanyň esasy meselesi jemgyýetiň sosial gurluşy we onuň dinamikasy bolup durýar.

Sosial gurluş diýen düşünje sosial-syýasy edebiýatynda birnäçe (dürli) nukdaýnazardan garalýar. Sosial gurluş diýip doly manyda jemgyýetiň tutuş gurluşygy, onuň ähli elementleriniň arasyndaky düzgün (sistema) gatnaşygy

düşünilýär. Has takyk aýdanyňda sosial gurluş sosial umumylygyň we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli görnüşlerini sypatlandyrýar: sosial-synpy, sosial-demografiki, sosial-ykdysady. Jemgyýetiň sosial gurluşy diýip çäkli manyda sosial gatlaklaryny, şeýle hem olaryň arasyndaky gatnaşyklary düzýän sosial-synpy, sosial toparlar düşünilýär. Şonuň üçin jemgyýetiň sosial-synpy gurluşy barada üznüksiz gürrüň edilýär.

Her bir jemgyýetde şol ýa-da başga birnäçe sosial umumylyklar, toparlar bardyr, olar birinjiden, jemgyýetiň deňsizlik sosial düzgüninde (sistemasynda), esasy kriteriýalary boýunça onuň ilatynyň differensiasiýasynda dürli orny eýeleýärler: häkimiýet, hususylyk, düşewüntlilik we ş.m.; ikinjiden, öz aralarynda syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklar bilen baglanşykly.

Jemgyýetiň sosial-synpy gurlşynyň esasyny synplar düzýär – jemgyýetçilik_öndüriji düzgüninde (sistemasynda) olaryň taryhy belenen ýerinden tapawutlanýan uly sosial adamlar umumylyklary. Ykdysady we syýasy agalyk edýän synplar we gatlaklar hem jemgyýetiň sosial-ykdysady ösüşiniň belenen görnüşlerini sypatlandyrýar.

Stratifikasion modeller döwrebap şertlerinde uly ähmiýete eýe bolup başlaýar. Sosial gurluşyň döwrebap şertlerinde şeýle komponentleri belemek bolar: dolandyryş býurokratlar we ýönekeý çinownikler; tejribeli we tejribesiz döwlet kärhanalaryň işçileri; daýhanlar; inžiner-tehniki işçiler we ýönekeý gulluklar toparlary, ylmy-tehniki we gumanitar intelegensiýa, okuwçylar we talyplar, kooperatiwler we başga telekeçiler, synpsyzlaşan gatlaklar – diňe jenaýatçylar dälde, belli ýaşaýyş ýeri bolmadyk adamlar we başgalar.

Jemgyýetiň marginaliasiýasy (bellenilşi) – diňe jemgyýeti "ortalaşdyrmakda" dälde, şeýlede aralyk gatlaklaryň döremegi bilen ýüze çykýar. Sosial we tehniki özgerişleriň täsirinde normatiw-gymmatlyklar gurluşygyň yrgyllamagy we

üýtgemekligi bilen baglylykda marginalisaziýa ýüze çykýar. Marginaliasiýanyň prosesleri täze sosial gatlagynyň emele gelmegi bilen hem ýüze çykýar, oňa orta synpy diýip ady makullanan – ol ilki bilen ýokary öndürijilikli we ýokary habarly, inisiatiwaly we iş başaryjy işgär, ol elmydama inniwasiallaşdyrylan tipdaky (görnüşdäki) şahsyýet. Şonuň üçin inniwasiallaşdyrylan tipdaky (görnüşdäki) şahsyýetler tehniki moderniasiýanyň we syýasy demokratiýanyň subýektleri bolup durýarlar. Inniwasiallaşdyrylan sosial tipdaky (görnüşdäki) şahsyýetleriň wekilleri has ökde işçiler, daýhanlar, intelligensiýa gatlaklarynda ýerleşýärler.

Döwrebap jemgyýetiň sosial gurluşynyň seljermesi onuň esasy elementlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Adamlar jemgyýetde şulara bölünýär: sosial-synply (synplar, sosial gatlaklar, sosial toparlar, gatlamalar, aýratyn gatlaklara we ş.m.), sosial-hünärli (professional) (zähmetkeşler we başga kollektiwler), sosial-demografiki (maşgala), sosial-territorial (göçürilen adamlar birligi, şäher we oba ilaty), sosial-etniki (etnoslar, milletler, halklar we ş.m.), şahsyýet.

Jemgyýetiň sosial gurluşy, onuň görnüşleri we gurluşyň elementleri elmydama hereketde we ösüşde bolýarlar.

Sosial gaýtadan döretme – sosial aragatnaşyklaryň düzgünleriniň we birlikleriniň umumy-ykdysady gurluşynyň we olaryň döwürleýin (sikleýin) gaýtadan döretme formalarynyň çägindäki ewolýusion ösüş prosesi diýip düşünilýär. Meselem, kapitalistik gaýtadan döretme prosesinde diňe haryt öndürilmän, goşmaça gymmaty (nyrhy) öndürilýär, emma şeýle hem kapitalistik gatnaşyklar öndürilýär – bir tarapdan kapitalistler bilen, beýleki tarapdan işçiler arasynda döreýän gatnaşyk.

## II.

Sosial gaýtadan döretme öňden bar bolan jemgyýetiň sosial gurluşynyň komponentlerini, elementlerini we olaryň

arasyndaky gatnaşyklaryny we täzeden ýüze çykan elementleriň, gatnaşyklaryň döremegini öz içine alýar. Bu proses Türkmenistanda hem bildirýär. Jemgyýetde geçmişde ýok bolan şeýle sosial gurluşyň elementleri ýüze çykýar. Ykdysady bazisiniň döwülmesi netijesinde jemgyýetde sosial gurluşlary gaýtadan döredilýär, olar bazar gatnaşygynyň ýaýradyjylary hökmünde ýüze çykýarlar. Öň tassyklanan sosial gurluşynyň gaýtadan döretmesi başlanýar, diňe bir öndürijiligiň serişdelerinde, tehnologiýada, işçileriň hiline bolan talaplarda. Prosesiň şeýle çuňňurlaşdyrylmagy bilen jemgyýetiň her bir agzasyny herekete gatnaşdyrýar. Bu ýerde täze gatnaşyklaryň subýektleri hökmünde indiwidleriň gaýtadan döretmesi barada gürrüň gidýär. Indiwidleriň gaýtadan döredilmegi demografiki proseslerinden aýrylmazdyr, şeýlelikde jemgyýetde gerek bolan ykdysady, syýasy we başga funksiýalaryň döremegine täze nesilleri taýarlamagyny üpjün edýär, şonuň bilen birlikde jemgyýetiň sosial gurluşynyň täze komponentleriniň täzelenmegine we ýüze çykmaklygyna ýardam edýär.

Sosial gaýtadan döretmesi giňişleýin şahsyýetleriň göçürmesi (geçirmesi), jemgyýetde adamlaryň köp agramy bolmasy, sosial ykjamlyk bolmasa mümkin däl. Sosial ykjamlyk – adamlaryň jemgyýetiň bir gatlaklaryndan başga gatlaklara, toparlara geçmekligi (sosial geçirme), şeýle hem olaryň has ýokary abraýly, düşewüntli we häkimiýetli (sosial ýokary galma) hereketi, ýa-da has pes iýerarhik pozisiýasyna (sosial aşak akymlyk, pese düşmeklik) hereketi.Sosial ykjamlyk terminy düşnje Günbatar sosiologiýa Piterim Sorokin tarapyndan girizilen. Sosial ykjamlyk düşünje gatlaklaryň, toparlaryň açyklygynyň we ýapyklygynyň derejelerini sypatlandyrmak üçin ulanylýar. Adatça ýapyk jemgyýetde mysal hökmünde Hindistandaky kasta gurluşy çykyş edýär, açyk jemgyýetde – ösen industrial döwletlerdäki demokratiýa. Intergenerasion (nesiller arasynda) we intragenerasion (nesliň içinde) tapawutlandyrýarlar.

Sosial ykjamlyk sosial göçürmeklige (geçirmeklige) ilatyň ukyplylygy we taýarlygy hökmünde seredilýär. Sosial göçürme jemgyýetde uly agrama eýedir. Sosial geçirmäň (göçürmäň) "dikleýin" geçirmesi tapawutlanýar, ol adamlaryň sosial statusyny sosial basganjygynda geçirmegiň üsti bilen üýtgemeklik mümkinçiligi, ýagny ýokary gitmegi ýa-da aşak gaçmagy, üstesine-de geçirmekligiň häsiýeti boýunça diňe sosial ykjamlygyny bahalandyrylman, şeýle hem birnäçe başga hilli sypatlara baha berilýär: syýasy durmuşyň demokratiýalyk derejesi, medeniýetlilik we ş.m. "Kese" geçirme – adamlaryň şol bir sosial drejede göürilmegi we ş.m.

Döwrebap şertlerinde içki psihologiýada dikeldilen hususy eýeilikler we başg hususylygyň we bazar gatnaşyklaryň esasynda unikal geçirmeler we özgertmeler bolup geçýär. Nesliň içinde bolup geýän geçirmeler işçiniň zähmet kärinde bolup geýän esasy etaplaryny görkezýär, nesilleriň arasynda bolup geçýän geçirme bolsa işçiniň ene-atasy bilen deňeşdireňde onuň sosial ornyny belleýär.

Hakykylygy bahalandyrmak sosial gurluş ösüşiniň tendensiýalaryny döretmekligine mümkinçilik berýär.

1) döwrebap şertlerinde jemgyýetiň sosial gatlanmasy güýlenýär, synp derejelerinde köp uly sosial birlikler, gatlaklar döreýär;
2) jemgyýetde sosial ykjamlyk güýçlenýär. Sosial ykdysady prosesler esasynda ilatyň jemgyýetçilik aktiwligi ep-esli ösýär;

## Döwlet we raýat jemgyýeti.

Ulanmak üçin kesgitleme hökmünde syýasaty - döwlet häkimiýeti we şu jemgyýetiň içinde döwlet gurluşy boýunça synplaryň, milletleriň we beýleki iri sosial toparlaryň arasyndaky şeýle hem halkara derejesindäki gatnaşyklaryň sferasydyr diýip düşündirmek bolar. Diýmek syýasat -

jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özboluşly we adatdan daşary möhüm (wajyp) ugry bolup, onuň esasynda şu jemgyýetiň syýasy ulgamçasy ösüp ýetişýär. Ol bolsa öz gözeginde:

1) Syýasy institutlary (döwlet partiýalar we ş. m.).

2) Syýasy normalary (konstitusiýa, kanunlar, esasnamalar we ş. m.).

3) Syýasy aňyýeti (syýasy garaýyşlar, ideýalar, taglymatlar) öz içine alýar.

Döwlet - iň gadymy we merkezi syýasy edaradyr. Döwlet jemgyýetiň bir ösüş basganjagynda döreýär. Ol jemgyýetde gapma-garşylyklar ýüze çykanda hem döreýär. Jemgyýetiň üstünde durup, ol gapma-garşylyklary azaldýan güýje öwürilýär, jemgyýeti tertip düzgüniň çäklerinde hem saklaýar.

Emma hökümet we häkimet diýen düşünjeler deň däldir. Häkimiýet hökümetden has ir döreýändir, çünki häkimetsiz jemgyýet bolup bilmeýär.

a) Döwletiň funksiýalary barada aýdanymyzda olaryň ikisi barada aýtmak zerurdyr:

*jemgyýetçilik gatnaşyklaryny goramak, saklamak, kämilleşdirmek funksiýasy. Bu funksiýany ýerine ýetirmegiň mehanizmi dürli görnüşlidir. Ol hojalyk, guramaçylyk işini, şol jemgyýetçilik ulgamynyň goragynda duran partiýalaryň işini köpçülikleýin habar-beriş serişdeleriň üsti bilen ilaty ideologiýa taýdan taýýarlamagy öz içinde alýar. Bu bolsa döwletiň içki funksiýasydyr.

*daşarky funksiýa - öz döwletiň ýerlerini beýleki döwletleriň çozulmasyndan goramak ýa-da beýleki döwletleriň ýerleriniň hasabyna öz döwletiň ýerlerini giňeltmek. Bu wezipeleri öz gezeginde döwletleriň daşary işler ministrlikleri, ilçiler we b. ýerine ýetirýärler.

b) Döwletiň içki we daşarky wezipesinde belläp geçişimiz ýaly döwlet öz raýatlarynyň umumy erkini aňladyjy bolup çykyş edýär. Diýmek bu umumy erk diňe hakykatdan hem

umumy raýat bähbitli meseleleri öz içine alýar (mysal üçin, ýurtda daşary ýurtlaryň hüjüminden goramak). Şol bir wagtyň özünde hem raýatlara öz durmuşyndaky döwlete degişli däl şahsy meselelerini erkinlik üpjün edilýär. Şeýlelikde bir öz öňümizde bir tarapdan demokratik döwleti, beýleki tarapdan - raýat jemgyýetini görýäris.

Döwlet gurmagy ojak gurmakdan başlandy. Dünýäde ýeke-täk türkmen döwleti öz halkyna mugt gaz, elektrik togy, duz hem suw, oňmadygy mugt un bilen üpjün edýär — türkmende ojak şulardan ybarat.

Döwletiň syýasy synasyny, ýurduň ykdysady synasyny ýerbe-ýerläniňden soň, iň uly hem agyr mesele — raýatlaryň ruhy rysgaly hakyndaky alada başlanýar. Alty ýüz ýyldan soň Garaşsyz türkmen döwleti gaýtadan döredi. Bu günki Garaşsyz türkmen döwletiniň taryhy ähmiýetine iki nukdaýnazardan seredeniňde hasam oňat akyl ýetirýärsiň. Birinjiden, türkmeniň döwletsiz ýaşan döwri bilen deňeşdireniňde. Döwlet milleti bitewileşdirmegiň serişdesidir hem guralydyr. Halk — adamlaryň, jemgyýetçilik gatlaklaryň biri-biri bilen özakymlaýyn, tötänleýin gatnaşyklaryndan emele gelýän jemgyýetçilik umumylygy. Özakymlaýyn hem tötänleýin diýmegimiň sebäbi, berk ýola goýlan syýasy ýa gaýry kada-kanunlar, ýörelgeler ýok. Millet bolsa — döwlet guralyna eýe bolan bitewilikdir.

Halk — umumylyk. Millet — bitewilik.

Türkmen dili örän baý dil, dürli manylary aňlatmaga ukyply dil. Umumylyk — mukdar, san görkezijisi. Bitewilik bolsa hil görkezijisi. Bitewilik ulgamlylygy hem guramaçylyklylygy aňladýar. Halk dürli syýasy, ykdysady hem jemgyýetçilik gurallar arkaly içerki taýdan gurnalmaga ukyply bolanda millete öwrülýär. Şeýle ukyplylyk bolsa, iş ýüzünde döwletliligi, döwletiň barlygyny aňladýar. Millet — dil, dini-

ynanç, däp-dessur, ykbal hem döwlet birligidir. Şeýle birlik kemala gelende, halkyň taryhy geljegi açylýar. Edil deňli-derejeli maşgala bolmak üçin maşgala agzalarynyň, öýüň hem gaýry şertleriň zerur bolşy ýaly, millet bolmak üçin hem döwlet zerurdyr.

Döwlet — halk möçberindäki uly öýdür. Ol öýde durmuşyň kadaly ýöremegi üçin her kimiň öz orny hem öz ýerine ýetirmeli wezipeleri bolýar. Şol wezipeleriň oňat ýerine ýetirilmeginden döwletiň ýaşaýşy kemala gelýär.

Biziň Garaşsyz döwletimiziň esasy aýratynlygy — onuň milli döwletligindedir. Şu aýratynlyga ýetmiş ýyllap biziň üstümizden agalyk eden sowet döwleti bilen deňeşdireniňde, oňat göz ýetirýärsiň. Sowet döwleti hökmürowan döwletdi, ol şu topragyň eýesi bolan türkmen halkynyň taryhy taýdan ýokary galmagyna däl-de, onuň egninden basylmagyna hemaýat edýärdi. Ol döwlet türkmeniň maddy baýlyklaryny özgäniň adyna hem haýryna geçirmegiň, onuň gazanan ruhy baýlyklaryny ýok etmegiň guralydy.

Türkmen milli döwleti diýmek — şu ýurduň erk-ygtyýarly eýesi diýmekdir. Milli döwlet ýurduň maddy baýlyklaryny şu millete siňdirýär we onuň ruhy gazananlaryny rejeleýär. Diýmek, döwlet milletiň taryhy ýaşaýşyny gurnamagyň usuly bolup döreýär hem-de ýaşaýar.

Häkimiýet we hökümet  barada hem giňişleýin aýdylýar. Jemgyýeti dolandyrmagyň guraly hökmündäki döwlet şu üç görkezijiniň jeminden emele gelýär:

1) kanunlar,

2) döwlet edaralary,

3) ýerli häkimlikler.

Döwletiň kanun çykaryjylyk organlaryna häkimiýet diýilýär. Hökümet — döwleti edara ediji, iş dolandyryjy gurama. Hökümet öz işinde häkimiýetiň çykaran kada-kanunlaryndan ugur alýar.

Döwlet we raýat jemgyýeti biri biriniň üstüni ýetirýär. Raýat jemgyýetiniň özenine düşünmek üçin, onuň iň esasy düzüm birliklerine garap geçmelidir. Olara aşakdakylar degişlidir:

*Ykdrysady ugurda - bu ownuk hususy kärhanalar, kooperatiwler, paýdarlar jemgyýetleri we raýatlarynyň öz inisiatiwasy bilen döredilýän beýleki önümçilik guramalary;

*Ruhy ugurda - döwlete degişli däl institutlar – metjitler, ybadathanalar, köpçülikleýin habar- beriş serişteleri we ş.m.

* Sosial ugurda - maşgala we başga jemgyýetçilik guramalary.

Şeýlelikde şahsyýet döwlet bilen degişli jemgyýetçilik institutynyň düzüminde gatnaşýarlar. Raýat jemgyýetiniň ösmegi şahsyýetleri dürli esasda birleşdirýär. Raýat jemgyýetiň bolmagy demokratiki düzgünleriň hokum sürýändigini aňladýar.

Jemgyýetiň durmuşynda partiýalar möhüm orny eýeleýärler. Latynçadan terjime edileninde partiýa – parties – bölek, topar - nämäňdir bir zadyň bölegi diýen manyny berýär. Iň irki döwletlerde partiýa haýsydyr bir synpyň syýasy taýdan has işjen aktiw bölegi diýip düşündirmek mümkin. Meselem XVII asyryň 70-80 ýyllarda Angliýada dörän törileriň we wigileriň partiýalaryny seretsek, olarda birinjisi - iri ýer eýeleriniň we anglikanlaryň ýokary gatlaklarynyň partiýasy, ikinjisi bolsa - iri söwda we maliýe burjyaziýasynyň partiýasy bolup durýar.Biziň döwrümizdäki partiýalaryň düzüminde dürli sosial gatlaryň wekilleri birleşýärler.Partiýa - raýatlaryň syýasy bähbitleriň we maksatlaryň esasynda birleşen bölegidir. Partiýalaryň we partiýa däl guramalaryň arasynda uly tapawut

bardyr - partiýanyň bar bolan düzgün düýpgöter üýtgetmegiň ýa-da kämilleşdirmegiň taslamalaýyn wezipeleri bardyr. Partiýa däl guramalaryň bolsa has çäkli we takyk maksatlary bardyr (mysal töwerekdäki gurşawy goramak we ş. m.)

Türkmenistan — demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistan öz çäginde hökmürowandyr we bütin häkimiýete eýedir. Ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çägi bitewidir hem bölünmezdir. Döwlet Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, çäginiň bitewiligini, kanun gurluşyny goraýar, kanunyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär. Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Ol öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli organlaryň üsti bilen amala aşyrýar. Halkyň hiç bir böleginiň, hiç bir guramanyň ýa-da aýry-aýry adamyň döwletde häkimiýeti eýelemäge haky ýokdur. Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetine eldegrilmezligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat öz üstüne Baş Kanunyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir.

Döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we sud häkimiýetine bölünýär. Bu häkimiýetler özbaşdak amala aşyrylýar we biri-biri bilen sabyr-takatly işleýär. Döwletiň, onuň ähli organlarynyň we wezipeli adamlarynyň hereketleri diňe hukuk gurluş arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Baş Kanuny döwletiň iň ýokary Kanunydyr, onda beýan edilen kadalar we düzgünler gös-göni

hereket edýär. Baş Kanuna ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk amallarynyň güýji ýokdur.

## Häkimiýet – jemgyýetçilik hadysa hökmünde.

Dünýa taryhynda döwlet gurmagyň , döwleti dolandyrmagyň baý taryhy tejribeleri bar. Käbir yurtlarda döwlet dolandyrylyşy kämillik derejesine ýetipdir . Döwleti edara etmegiň ulgamlary : kämil döwlet dolandyryşy ; kanuny döwlet dolandyrylyşy ; şalyk döwlet dolandyrylyşy ; respublikan - aristokratik döwlet dolandyrylysy ; erin döwlet dolandyrylyşy ; sosialistik döwlet dolandyrylyşy … Döwlet – halk möçberindäki uly öýdir. Ol öýde durmuşyň kadaly ýöremegi üçin her kimiň öz orny hem öz ýerine ýetirmeli wezipeleri bolýar . şol wezipeleriň oňat ýerine ýetirilmeginden döwletiň ýaşaýşy kemala gelýär .

Häkimiýet gatnaşyklary, jemgyýetçilik gatnaşyklary iň esasy düzümi bolup çykyş edýär. Jemgyýetde adamlaryň birikmesi we olaryň pikiri – islegleriniň deň gelmeginde häkimiyetiň iş dolandyryşyndan gelip çykýar. Häkimiýet adamlaryň aragatnaşyklarynyň düzümini bir ugra akmagyna iterýär. Häkimiýet hemmeler tarapyndan ykrar edilip, durmuşy gatnaşyklara bagly bolup durýar. Bu prosesiň başynda bir (subýektiň) – hususyýetiň beýleki bir hususyýete özüne - belli bir derejede özüne tabyn etmeginiň ukyplylygyna iterýär. Bu tabyn edijilik bolsa – belli bir adamyň – ýagny (awtoritetiň) – zulum, sütem etmeginiň hukugyny berýär. Jemgyýetiň üstünden uly derejede hukuk azatlygyny diňe syýasy häkimiýet alyp barýar. Syýasy häkimiýetiň esasy halkasy döwlet häkimiýetidir, muňa bolsa her bir adam höküm sürüp bilmeýär diýen düşünje bilen belli bir derejde bolan adamlar höküm edip bilýärler. Syýasy häkimiýetiň iň

wajyp kyn meselesiniň emele gelmeginde wekilçilik bolup durýar. Häkimiýetde wekilçilik etmek prosesi iki ugur boýunça geçirilýär, ýokardan – aşak , aşakdan – ýokaryk . Wekilçilik etmek aşaky gatlagyň ezilmegine emel berýär, şeýle ýagdaýda kanunlarda raýatlaryň hukugyny goraýan kepilligiň bolmagyny üpjün etmekdir. Şeýle kepilligiň kadasy bolsa häkimiýetiň şeýle şahalara : kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýetçilik bölünmegine iterýär.
Häkimiýetiň bölünmegi name? Häkimiýetiň bölünmeginiň esasyny bolsa – dilewar, ýurist, sosiolog şarl Monteskýe feodal absolýutizm döwründe düzdi. Onuň pikiri boýunça kanun çykaryjylyk, ýerine ýetirijilik, kazyýetçilik deňligi we garaşsyzlygy berdi. Konstitusiya bolsa jemgyýetçilik şertnamasy bolup halk bilen häkimiýetiň arasynda çykyş edýär we häkimiýetiň üsti bilen şahsyýetiň we häkimiýetiň özara gatnaşygyny takyklaýar.

Syýasat döräli bäri häkimiyetiň gatnaşyk esasynda gurulup : hökümdarlyk tabynlyga edarany dolandyrmaklyk – ýerine ýetirijilik bolup çykyş etdi. Syýasy häkimiyet döwletiň höküm sürýän sürýän ýokary gatlagy bolup, ýurtda dolandyrylyşygy ýördýän gurama bolup çykyş edýär. Sosiologlaryň kesgitleýşine görä häkimiýet şeýle seredilýär: Amerikan sociology T.Parsans: häkimiýet jemgyýetde birleşdiriji wezipäni eýeleýär diýip tassyklaýar.

Sosial gatnaşyklar deň bolman, olaryň arasyndan biriniň hukugy, derejesi uly bolup, özgelere täsirini ýetirýän güýçli hökümdarlarlygyň bardygy barada bolsa K. Marks, M. Beber, R. Mihels ýaly syýasy sosiologlar tassyklaýar.
Syýasat we häkimiýet aýrylmaz baglanyşykda bolup, jemgyýetde, jemgyýetiň nukdaý nazardan iň esasy durmuşyny açyp görkezýär.
Döwlet- esasy syýasy Institut bolup, syýasy häkimiýetiň häsiýetini we hilini aýdyňlaşdyrýar. Döwlet jemgyýetde syýasy gurama bolup durýar, onuň ilatyny we erkinligini,

höwesini, islegini aňladýar. Döwlet häkimiýeti- jemgyýet üçin ähmiýetli, ähtibarly, ygtyýarly häkimiýet bolup çykyş edýär.

II.

Häkimiýet, hökümet. Jemgyýeti dolandyrmagyň guraly hökmündäki şu üç görkezijiniň jeminden emele gelýär:

1) kanunlar
2) döwlet edaralary
3) ýerli häkimiýetler.

Döwlet kanunçykaryjylyk organlaryna häkimiýet diýilýär.
Hökümet –döwleti edara ediji, iş dolandyryjy gurama. Hökümet öz işinde häkimiýetiň çykaran kada-kanunlardan ugur alar.
Halkyň hiç bir bölegininiň, hiç bir guramanyň ýa-da aýry-aýry adamyň döwletde eýelemäge häkimiýeti haky ýokdur.

Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetine eidegirilmezligini, tebigy hem mizemez hukuklrny goraýar. Her bir raýat öz üstüne Baş Kanunyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir. Döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we sud häkimiýete bölünýär. Bu häkimiýetler özbaşdak amala aşyrylýar we biri-biri bilen sabyr takatly işleýär.

Döwletiň onuň ähli organlarynyň we wezipeli adamlarynyň herketleri diňe hukuk gurluş arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Baş Kanuny döwletiň iň ýokary ýokary Kanunydyr,onda beýan edilen kadalar we düzgünler gös-göni hereket edýär. Baş Kanuna ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk amallarynyň güýji ýokdur.

Syýasat jemgyýetçiligiň arasynda isleg-kanagat, garaýyş taglymat, maksat, ynanç ýa-da ynam görnüşinde emele

gelýär. Häkimiýetiň iş dolndyryşyndan jemgyýetiň syýasy durmuşy emele gelýär, bu bolsa syýasy medeniýetiň döremegine getirýär. K. Marks öz işlerinde-şeýle netijäni ýüze çykarýar: Syýasat ykdysadyýetiň garamagynda bolup, höküm sürýän synplar bolsa-esasy syýasy instituty öz ellerinde saklaýarlar. Ýöne bu ( konsepsiýa ) – ýagny esasy ugurlar günbatar sosiologlaryň içinde möwç almady. XX asyrda bolsa Roýman Aran şeýle netijäni çykarýar: "Syýasat adamzat üçin iň ähmiýetli bolup, ykdysadyýeti bolsa durmuşy gymmatlyk hökmünde görkezýär. Syýasy çäk ykdysadyýet bilen gatnaşykda bolup jemgyýetde beýleki ugurlary hem öz içine alýar.

Legitimasiýa-latyn sözünden kanunlyk diýmekdir. Jemgyýetd-kabul edilip, oňa düşünmek üçin kanun çykarylýar hem-de şol kanuna uýulýar. Kanuny hökümet-syýasaty we häkimiýeti tassyklaýar we düşündirýär: syýasy çözülişler, syýasy ulgamlaryň guralyşy, üýtgemeler, täzeçe goşulmalar girizilýär. Kanuny häkimiýet- boýun bolmaklygy, razylygy hem-de güýç görkezmekligi üpjün edip, häkimiýete tabynlygy tassyklaýar. Kanuny häkimiýet- diýmek adamlary hökümete bolan ynamy, aragatnaşygy we ýaşaýyş şertlerinde dogry çözülýän meseleleri ýüze çykarmak we olary adamyň bähbidine çözmek üçin guraldyr. Kanuny häkimiýet syýasatda häkimiýet we ilat arasynda gatnaşyklar umumy ugurlaryny anyklap olaryň ynamyny ödeýär. Şol ynam bilen syýasatda adamzadyň geljegi, ykbaly çözülýär.

Häkimiýete ynam ikinji görnüşi- köpçüligiň aňynda häkimiýetiň gymmatlygynyň ähmiýetine düşünmek, we onuň gurluşynyň ähmiýeti hem uly rol oýnaýar. Häkimiýetde – üçünji görnüşi –syýasyşynaslar köpçüliginiň goldamagy döwlet ýolbaşçylar bilen özara dil tapyşygy, belli bir hökümete adamlaryň gatnaşygy anyklanýar.

Kanuny –häkimiýetçilik- görnüşi- ynam, hukuklyklar we gymmatlyklar düzgüni bilen syýasatda berk baglanyşykly

gelýändir. Kanuny häkimiýetçilik- derejesi-jemgyýetde kadaly düzgüni alyp barmak we gyşarnykly terbiýäniň, ýa-da alyp baryşlyklary bolmagyna ýol bermezlik, hem-de jemgyýetde durnukly asuda ösüşi bermek hem-de zorluk bermän, ýa-da görkezmän kanunlar, hukuklar boýunça adamyň durmuşyna girmelidir. Gazetdir-telewideniýäniň syýasy harlarynyn esasynda adamzat syýasata dogry düşünmeli we ertirki güne, geljege ynamly gadam goýmalydyr.

## Syýasatda şahsyýetiň orny.

Şahsyýet näme? Sosiologiýada şahsyýet diýen düşünjäniň düýp manysy näme? diýen sowallar döreýär. Şahsyýet barada gürrüň edilende adam, indiwid şahs, şahsyýet ýaly düşünjeleri takyklamalydyrs.

Ynsan diýen söz adamynyň haýwandan tapawuduny aňladyp, onuň sosial ýagdaý bilen kesgitlenýän özboluçlyklygy barada hiç zat aňlatmaýar.

Şahs (indiwid) diýen söz adatça bir ýa-da beýleki sosial umumylygyň aýratyn wekilini aňladýar.

Özboluşlylyk (indiwiduallyk) – aýratyn alynan adamyny özi ýalylardan tapawutlandyrýan aýratynlygy, özboluşlygy aňladýar. Bu aýratynlyklara tebigy we sosial, bedeni we psihiki, nesilden – nesile geçen we soň ýüze çykan häsiýetler girýändir.

Şahsyýet (личность) diýen düşünje ynsan ýaşaýyşyndaky sosial başlangyçlary, ýagny ynsanyň jemgyýetçilik ýaşaýşynda, beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda, başgaça aýdylanda, sosial baglanyşygynda, sosial institutlarda, medeniýetde amala aşyrýan özboluşlylyklaryny aňladýar. Ilki döräninde liçnost diýen söz aktýoryň gadymy grek teatrynda ýerine ýetirýän roluny, maskany aňladypdyr. Rus dilindäki liçina (hakyky ýüzüne çekilýän perde, ýasamalyk) sözihem şu ýerden dörän bolsa

gerek. Ynsana mahsus bolan zatlaryň hiç birisi, şol sanda temperament, duýgular onuň şahsyýetinde ýitip gitmeýär. Diňe bir tanymal, talantly adamlar däl – de, eýsem islendik ynsan şahsyýetdir, çünki ähli adamlar jemgyýetçilik ýaşaýşyna gatnaşýandyrlar. Şahsyýet, onuň sosial gatnaşyklar ulgamynda eýeleýän orny bilen bagly meseleler toplumyny analiz edeninde sosiologiýa birnäçe düşünjeleri ulanýar (uýgunlaşmak, işjeňlik, terbiýe, gyzyklanma, bähbit, motiw, zerurlyk, özüňi alyp baryş, sosiallaşmak, şahsyýet tipleri, ýörelgeler, maksat çelgileri).

Uýgunlaşmak - sosial subýektleriň gurşaw bilen gatnaşygyň özboluşly görnüşi bolup, onuň netijesinde şahsyýetiň sosial funksiýalaryny amala aşyrmak şertlerinde töwerek bilen öwrenişmesi bolup geçýär. Uýgunlaşmak diýip ýa-ha şahsyýetiň syýasy, sosial talaplara passiw öwrenişmek prosesine, ýa-da şahsyýetiň we onuň syýasy hem aktiw sosial ýollaryny ýerine ýetirme şertleriniň biri-birini içjeň üýgetmelerine aýdylýar. Şahsyýetiň syýasy ýa-da sosial gurşawuň talaplaryna passiw uýgunlaşmasynyň iň möhüm faktorlary streslerdir. Stresler şahsyýetiň sosial we syýasy ýagdaýlarynyň üýtgemesine negatiw reaksiýalardyr. Stresler bolup – ykdysady ýagdaýlar hem (işsizlik, bonkrotlyk), maşgala ýagdaýlary hem (nikany bozmak, ölüm we başg.), durmuşy (betbagtçylykly hadysalar), dürli syýasy hadysalar (ilatyň mitinglere çykmagy, syýasy lideriň abraýynyň gaçmasy)hyzmat edip biler.

Şahsyýetiň zerurlyklary – bu onuň belli bir derejede akyl ýetirýän, duýýan dünýäsi bilen özara täsiriniň görnüşleridir. Motiwler şahsyýetiň syýasy taýdan özüni alyp baryşynyň ýörelgeleriniň emele geliş prosesi. Syýasy taýdan özüňi alyp baryş – şahsyýetiň syýasy hukuk ýagdaýyny amala aşyrmasynyňsosial işjeňliginiňbir görnüşidir. Bähbit – islendik – sosial subýektiň özüni alyp barşynyň we işiniň herekete getiriji güýçleriniň iň möhümlerinden biridir. Emma zerurlyk ilkinji nobatda ýaşaýyş serişdeleriniň belli bir jeminde, islegiňi

kanagatlandyrmakda jemlenen bolsa, bähbit sosial institutlara, edaralara, jemgyýetdäki özara gatnaşyklaryň kadalaryna gönükdirilendir. Dünýä gymmatlyklaryna bolan gatnaşygyň esasynda gymmatlyklar we şahsyýetiň olara bolan gatnaşyk ulgamynyň esasynda onuň zerurlyklary we bähbitleri durýandyr. Gymmatlyklar we olara bolan gatnaşyk ýaşaýyşyň maksady we oňa ýetmegiň esasy serişdeleri hökmünde çykyş edýär we sebäpden hem sosial özüňi alyp baryşyň iň esasy sazlaýjylary hökmünde çykyş edýär.

II.

Sosiologiýada şahsyýetiň birnäçe nazaryýeti döredilendir. Rollar nazaryýeti: Talkott Parsons, Z.Freid, F.Znaneskiý. Sosial rol – indiwid bilen jemgyýetiň özara hereket ediş mehanizmidir. Adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk we özara täsir ynsanlaryň öz indiwidual zerurlyklaryny kanagatlandyrma prosesinde biri birinebaglydygy sebäpli döreýär. Adamlaryň arasyndaky sosial aragatnaşyklar olaryň sosial funksiýalary ýerine ýetirmesiniň esasynda döreýär. Ýerine ýetirýän sosial funksiýalary olaryň jemgyýetiniň sosial strukturasyndaky ornuny häsiýetlendirýär. Meselem, talybyň esasy funksiýasy hünär we umumy raýat medeniýetini özleşdirmekden ybaratdyr. Şonuň bilen birlikde-deol beýleki funksiýalary hem ýerine ýetirip biler – garranlygy ýa-da kesel sebäpli güçden gaçanlara kömek edip biler we ş.m. Ýene-de bir möhüm zat – sosial funksiýalar barada adamyň näme etmek isländigine däl-de, onuň hereketiniň beýleki adamlar we jemgyýet üçin nähili netije berjekdigine garap baha berilýänligidir. Eger adam ters netijä getirip biljek iş bilen meşgullanýan bolsa, meselem, eger öz bejerigi bilen näsagyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan bolsa, bu ýerde eýýam disfunksiýa barada gürrüň etmek zerurdyr.

Sosial funksiýalar adama jemgyýet ýa-da döwlet tarapyndan ýüklenýär. Şahsyň funksiýalary we olardan gelip

çykýan borçlardyr hukuklar şahsyýetiň Sosial hukuk ýagdaýyny kesgitleýär. Bu nazaryýetiň ikinji düşünjesi şahsyýetiň sosial hukuk ýagdaýydyr. Şahsyýetiň sosial hukuk ýagdaýy – bu adamynyň, şahsyýetiň jemgyýetçilik basgançagynda gelip çykyşyna, hünärine, ýaşyna , jynsyna, maşgala ýagdaýyna laýyklykdaeýeleýän ornudyr. Sosial hukuk ýagdaýy içki pozisiýalarda-da (mes, gymmatlyklarda we ş.m.) daşky görnüşde-de (eşikde, özüni alyp barşynda, gepleýşinde) aýdyň görünýär. Her bir adam bir näçe statuslara eýe bolup biler, şol sebäpli hem R.Merton sosiologiýada "Statuslaryň toplumy" diýen düşünjäni girizdi. Bu düşünjede her bir şahsa mahsus bolan esasy ýa-daintegral hukuk ýagdaýy aýratyn bellemelidir. Şoňa görä-de töwerekdäkiler ony tapawutlandyrýarlar. Köplenç esasy status käre ýa-da hünäre bagly bolýar (direktor, bankir we ş.m.), adamynyň derisiniň reňki (mele, negr), sosial gelip çykyşy (mes, dworýan) we başgalar bolup biler. Umuman gymmatlyklary we zerurlyklary, durmuş obrazyny, tanyşlaryny, özüni alyp barşyny kesgitleýän status şahsyýetiň esasy statusy bolup çykyş edýär. Sosiologiýada status pozisiýasynyň iki derejesi bellenýär:

- sosial–toparlaýyn – uly sosial toparyň wekili hökmünde şahsyň jemgyýetde eýeleýän orny (teniniň reňki, milleti, gatlagy, dini, hünäri);
- şahsy, şahsyň kiçi toparda eýeleýän orny (maşgalada, talyp toparynda).

Şahsyýetiň hususy ýagdaýyna görä kesgitlenýär we ony kiçi toparyň agzalarynyň nähili kabul edýändigi we oňa nähili baha berýändikleri bilen kesgitlenýär.

Hukuk ýagdaýynyň ýene iki görnüşi bar:

- jemgyýet tarapyndan hökman edilen – boýnuna atylan status (şahsyň islegine ýa-da görkezen hyzmatyna bagly bolmak). Ol teniniň reňkine, maşgalasynyň sosial ýagdaýyna, doglan ýeri bilen baglydyr;
- gazanylan – adamynyň öz hereketi, talanty, erjelligi, maksada okgunlylygy bilen ýa-da bagty çüwüp gazanylan status.

III.

Indi bolsa şahsyýetiň esasy häsiýetlerini beýan edenimizden soň, onuň nähili ýagdaýda kemala gelýändigi görkezmek zerurdyr. Şahsyýetiň kemala geliş mehanizmi we prosesi sosiologiýada “sosiallaşmak” düşünjesiniň esasynda düşündirilýär. Sosiallaşma – bu sosial özüňe baha berişiň kemala geliş prosesidir. Sosiallaşma adamyny medeniýete, aragatnaşyga, okuwa, terbiýä ýakynlaşdyrýar. Sosiologiýada sosiallaşmagyň iki derejesi tapawutlandyrylýar:

**1)** ilkinji sosiallaşma derejesi- kiçi toparlarda şahsyýetara gatnaşyklar sferasynda amala aşýar. Bu ýerde esasy ýol şahsyň ýakyn aragatnaşyk saklaýan adamlaryna – ene-atasyna, dost-ýarlaryna, mugallymlaryna we başg.

**2)** uly sosial toparlaryň we institutlaryň derejesinde bolup geçýär. Bu ýerde guramalara, resmi edaralara, mes.goşuna, döwlete we ş.m.degişlidir. Ilkinji sosiallaşmanyň uniwersal häsiýeti bardyr, çünki ol şahsyň ýaşaýşynyň ähli ugurlaryny diýen ýaly öz içine alýar.

Ikinji sosiallaşma dar çarçuwada hereket edýär. Her bir sosial institut öz wezipesini çözmäge çalyşýar.

Sosiallaşma mehanizmleri düşündirmek üçin dürli nazaryýetler ulanylýar. Meselem, Y.Kuliniň “ýüz görülýän aýnadaky “men”, J.Muruň “umumylaşdyrylan beýleki”,

A.Talleriň “gymmatly beýleki” nazaryýetleri. Iň soňky nazaryýete garap geçeliň. “Gymmatly beýleki” – şol şahsyýetiň gollamasyna garaşýar we buýruklaryny kabul edýän şahsyýetdir. Ol şahsyýet bolup ene-ata, mugallymlar, abraýly adamlar çykyş edip bilerler. Şahs sosial ýetişenlik ýagdaýyna baranynda sosiallaşma prosesi belli bir kämil ulgamy emele getirýär. Şahsyýetiň sosial ýetişenlik ýagdaýy onuň esasy integral hukuk ýagdaýyna eýe bolmasy bilen häsiýetlendirilýär. Emma sosiallaşma prosesinde şowsuzlyklar hem bolup biler. Sosiallaşmanyň ýetmezçiligi hökmünde gapdala gyşarýan (dewiant) özüňi alyp baryşy görkezmek bolar. Bu umumy kabul edilen kadalara laýyk gelmeýän özüňi alyp baryşdyr. Gyşartmaklygyň artmagy jemgyýetde gymmatlyklar esasyň çuuňur krizis ýagdaýdadygynyň, şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň gapma – garşylykdadygynyň görkezijisidir.

## Syýasy özüňi alyp barmak.

Önümçilik prinsipini goldanma edinýän «ykdysady adam» bilen döwlet – syýasy sferada hereket edýän «syýasy adamyň» arasyndaky özara gatnaşyklar bilen bilelikde syýasy durmuşa sosial guramaçylygyň formal (kanunçy) we formal däl prinsipleriň arasyndaky gatnaşyklar hem mahsusdyr. Özboluşlylyk (indiwiduallyk) – aýratyn alynan adamyny özi ýalylardan tapawutlandyrýan aýratynlygy, özboluşlygy aňladýar. Bu aýratynlyklara tebigy we sosial, bedeni we psihiki, nesilden – nesile geçen we soň ýüze çykan häsiýetler girýändir. Şahsyýet (личность)__diýen düşünje ynsan ýaşaýyşyndaky sosial başlangyçlary, ýagny ynsanyň jemgyýetçilik ýaşaýşynda, beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda, başgaça aýdylanda, sosial baglanyşygynda, sosial institutlarda, medeniýetde amala aşyrýan özboluşlylyklaryny aňladýar. Ilki döräninde liçnost diýen söz aktýoryň gadymy grek teatrynda ýerine ýetirýän roluny,

maskany aňladypdyr. Rus dilindäki liçina (hakyky ýüzüne çekilýän perde, ýasamalyk) sözihem şu ýerden dörän bolsa gerek. Ynsana mahsus bolan zatlaryň hiç birisi, şol sanda temperament, duýgular onuň şahsyýetinde ýitip gitmeýär. Diňe bir tanymal, talantly adamlar däl – de, eýsem islendik ynsan şahsyýetdir, çünki ähli adamlar jemgyýetçilik ýaşaýşyna gatnaşýandyrlar. Şahsyýet, onuň sosial gatnaşyklar ulgamynda eýeleýän orny bilen bagly meseleler toplumyny analiz edeninde filosofiýa we sosiologiýa birnäçe düşünjeleri ulanýar (uýgunlaşmak, işjeňlik, terbiýe, gyzyklanma, bähbit, motiw, zerurlyk, özüňi alyp baryş, sosiallaşmak, şahsyýet tipleri, ýörelgeler, maksat çelgileri).

Uýgunlaşmak - sosial subýektleriň gurşaw bilen gatnaşygyň özboluşly görnüşi bolup, onuň netijesinde şahsyýetiň sosial funksiýalaryny amala aşyrmak şertlerinde töwerek bilen öwrenişmesi bolup geçýär. Uýgunlaşmak diýip ýa-ha şahsyýetiň syýasy, sosial talaplara passiw öwrenişmek prosesine, ýa-da şahsyýetiň we onuň syýasy hem aktiw sosial ýollaryny ýerine ýetirme şertleriniň biri-birini içjeň üýgetmelerine aýdylýar. Şahsyýetiň zerurlyklary_– bu onuň belli bir derejede akyl ýetirýän, duýýan dünýäsi bilen özara täsiriniň görnüşleridir. Motiwler şahsyýetiň syýasy taýdan özüni alyp baryşynyň ýörelgeleriniň emele geliş prosesi. Syýasy taýdan özüňi alyp baryş – şahsyýetiň syýasy hukuk ýagdaýyny amala aşyrmasynyňsosial işjeňliginiňbir görnüşidir. Bähbit – islendik – sosial subýektiň özüni alyp barşynyň we işiniň herekete getiriji güýçleriniň iň möhümlerinden biridir. Emma zerurlyk ilkinji nobatda ýaşaýyş serişdeleriniň belli bir jeminde, islegiňi kanagatlandyrmakda jemlenen bolsa, bähbit sosial institutlara, edaralara, jemgyýetdäki özara gatnaşyklaryň kadalaryna gönükdirilendir. Dünýä gymmatlyklaryna bolan gatnaşygyň esasynda gymmatlyklar we şahsyýetiň olara bolan gatnaşyk ulgamynyň_ esasynda onuň zerurlyklary we bähbitleri durýandyr. Gymmatlyklar we olara bolan gatnaşyk ýaşaýyşyň

maksady we oňa ýetmegiň esasy serişdeleri hökmünde çykyş edýär we sebäpden hem sosial özüňi alyp baryşyň iň esasy sazlaýjylary hökmünde çykyş edýär.

Formal we formal däl öňbaşçylar biri birini çalşyp bilýärler. Olaryň garaýyşlary ýakyndyr. Formal däl öňbaşçy formal öňbaşçynyň yzyna eýerip biler. Bu meselede formal öňbaşçy formal däliň yzyna eýerip bilmeýär, çünki ol institutlaşan ulgama we kadalara daýanýandyr.

II.

Syýasatyň filosofiýasy inçelik bilen täsir etme paradoksyna – bir toparlaryň beýleki bir toparlara netijeli medeni täsirine aýratyn üns berýär. Adamlaryň sosial taýdan özüne duýuşyna, olaryň baha berşine we öz özüne baha berşine çuňňur täsir edýän faktorlara referent düzümler degişlidir. Industriallaşmadan öňki jemgyýetlerde her bir şahsyýet özine bolan toparyna berk bagly bolupdyr, gatlaklaryň arasyndaky päsgelçilikler bolsa toparara bäsleşigiň öňüni alypdyr.

Häzirki industriallaşan jemgyýetde toparlar biri-biriniň gözüniň öňünde diýen ýaly ýaşaýarlar, biri-biri bilen ýygy-ýygydan maglumatlar alyşyp durýarlar, biri-birinden özüňi alyp barmagyň nusgasyny öwrenýärler. Sosiologiki barlaglaryň netijeleri biri-biriňden öwrenmegiň ileri tutulýan sosial alamatlara degişlilikde ýüze çykýandygyny görkelilikde ýüze çykýandygyny görkezýär. Şolar hem aýratyn şahsyýet ýa-da bütin bir sosial topar üçin referent topary düzýärler.

Syýasatyň filosofiýasy referent toparlaryň täsiri barada aýdanda takyk barlaglaryň netijesine daýanýar. Olaryň içinde esasan sosiologiki usullary. Sosiologik barlaglaryň esasy tapgyrlary:

1) Barlagyň meselelerini, wezipelerini we obýektini kesgitlemek,
2) Esasy düşünjeleri kesgitlemek,
3) Esasy ylmy çaklamalary öňe sürmek,
4) ylmy barlaglaryň usuly we tehnikasy,

Sosial usullaryň ulanylyşy özüni alyp baryşyň dürli ugurlary boýunça ygtybarly maglumat almaga gönükdirilendir. Emma barlagçy bilen barlag geçirýäniň özara täsiriniň göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlaryň netijesinde maglumatlarda nätakyklyklaryň ýüze çykmasynyň mümkindigini göz öňünde tutmalydyr. Gözegçilik usuly. Bu usul öwrenilýän wakalaryň göniden-göni bellige alynmasyny göz öňünde tutýar, köplenç obýekt bilen ilkinji tanyşlyk döwründe, şeýle hem kiçi toparlar öwrenileninde ulanylýar. Täsirleri seçip almak bilen, gözegçi hemişe kabul ediş özboluşlylyklary bilen bagly bolýar we şol sebäpli hem öz baha berşinden uzaklaşyp bilmeýär. Resminamalary öwreniş usuly ilkinji nobatda empiriki sosiologiýada ulanylmaga başlady. Resmi häsiýetdäki resminamalara şular degişlidir: arhiw maglumatlary, statistiki maglumatlar, çap edilen işler. Soragnama usulynyň uniwersallygy ynsanlaryň motiwleri, maksatlary baradaky maglumat almak mümkinçiliginde ýüze çykýar. Soragnama usuly ilat ýazuwynda uzak wagtdan bäri ulanylýar. Eksperiment usuly sosial barlaglar tejribesinde beýlekilere garanyňda has seýrek duşýar.

Adamlaryň referent çelgilere ymtylmalary ideýalaryň we obrazlaryň bir topardan beýleki bir topara päsgelçiliksiz geçýän uly maglumat giňişligini şöhlelendirýär. Şunlyk bilen hakyky we nusgawy toparlaryň arasyndaky gatnaşyk sazlaşýar, bu bolsa şol toparlaryň gözýetimleriň we sosial mümkinçilikleriň giňelmesine ýardam edýär. Şahsyýetleriň we toparlaryň hereketliligi güýçlenýär.

Medeni durmuş ösüşinde ýaşlaryň orny olaryň aýratynlyklaryna görä kesgitlenýär. Ýaşlyk döwri bu adamynyň durmuş gözegçiligiň maşgala we kärhana institutlaryna garanyňda däl-de, häzirki zaman ruhy öndürijiligiň umumy ulgamyna has köp degişli bolýan döwründe. Durmuşy medeni nukda nazardan çagalyk şahsyýetiň maşgalada özbaşdak däl, alyp başyna gözekçilik edilýän we ony ugrukdyrylýän

döwürdir. Ýetginjiklik döwri awtoritetara garşy göreş, öz kimdigini aňmaçk başlaýan, şahsyýetiň maşgala gözegçiliginden sypyp, dünýä jemgyýete garyşmaga ymtylýan döwri. Bu maglumat kabul etmegiň iň ilkinji, iň uzak, iň parlak wagtydyr. Her bir maglumat teşnelik bilen kabul edilýär. Ýaşlygy geçmek bolsa bu maglumaty ýüzüp almagy aňladýar, bu döwürde referent toparlaryň täsir etmese başlanýar. Ýaşlar ylmy bilimleriň iň işjeň sarp edijilerine öwrülýär. Ýaş hünärmenler ýaşlaryň arasyndaky iň bir bilimli we ýokary hünärleri jemgyýet tarapyndan ýokary derejedäki ylmy-tehniki, sosial, ruhy gurşawda bolup geçýän prasesleri öňaýlylaşdyrmagy ugrukdyrylýan bölegidir.

Ýaş hünärmenler iň bir hereketli topardyr, ýokary okuw mekdebinden, ýagny ruhy önümçilik sferasyndan çykyp, maddy önümçilik sferasyna düşen ýaş hünärmen bu sferalaryň galtaşmasyna, ylym bilen önümçiligiň ýakynlaşmaşyna ýardam edýar.

Ýaş hünärmenleriň önümçilige gelmesi bilen onda iň täze maglumatlaryň udelagramy artýar.

Şeýlelik bilen, ýaş hünärmenleriň öňünde bir tarapdan ýörite önümçilik bilimlerini we başarnyklaryny ele almak, bar bolan tehniki we guramaçylyk düzümlerine uýgunlaşmak wezipesi, beýleki tarapdan bolsa, garşylyklaryn wezipe-şol düzümleri döwrebaplaşdyrmak, olaryň içinden könelişenlerini, häzirki ylmy-tehniki progressiň gelejegine ters gelýänlerini aýryp taşlamak wezipesi durýar.

Uýgunlaşmak - sosial subýektleriň gurşaw bilen gatnaşygyň özboluşly görnüşi bolup, onuň netijesinde şahsyýetiň sosial funksiýalaryny amala aşyrmak şertlerinde töwerek bilen öwrenişmesi bolup geçýär. Uýgunlaşmak diýip ýa-ha şahsyýetiň syýasy, sosial talaplara passiw öwrenişmek prosesine, ýa-da şahsyýetiň we onuň syýasy hem aktiw sosial ýollaryny ýerine ýetirme şertleriniň biri-birini içjeň üýgetmelerine aýdylýar. Şahsyýetiň syýasy ýa-da sosial

gurşawuň talaplaryna passiw uýgunlaşmasynyň iň möhüm faktorlary streslerdir._Stresler şahsyýetiň sosial we syýasy ýagdaýlarynyň üýtgemesine negatiw reaksiýalardyr. Stresler bolup – ykdysady ýagdaýlar hem (işsizlik, bonkrotlyk), maşgala ýagdaýlary hem (nikany bozmak, ölüm we başg.), durmuşy (betbagtçylykly hadysalar), dürli syýasy hadysalar (ilatyň mitinglere çykmagy, syýasy lideriň abraýynyň gaçmasy)hyzmat edip biler. Indi bolsa şahsyýetiň esasy häsiýetlerini beýan edenimizden soň, onuň nähili ýagdaýda kemala gelýändigi görkezmek zerurdyr. Şahsyýetiň kemala geliş mehanizmi we prosesi sosiologiýada “sosiallaşmak” düşünjesiniň esasynda düşündirilýär. Sosiallaşma – bu sosial özüňe baha berişiň kemala geliş prosesidir. Sosiallaşma adamyny medeniýete, aragatnaşyga, okuwa, terbiýä ýakynlaşdyrýar. Sosiologiýada sosiallaşmagyň iki derejesi tapawutlandyrylýar:

**1)** ilkinji sosiallaşma derejesi- kiçi toparlarda şahsyýetara gatnaşyklar sferasynda
amala aşýar. Bu ýerde esasy ýol şahsyň ýakyn aragatnaşyk saklaýan adamlaryna
– ene-atasyna, dost-ýarlaryna, mugallymlaryna we başg.

**2)** uly sosial toparlaryň we institutlaryň derejesinde bolup geçýär. Bu ýerde
guramalara, resmi edaralara, mes.goşuna, döwlete we ş.m.degişlidir. Ilkinji
sosiallaşmanyň uniwersal häsiýeti bardyr, çünki ol şahsyň ýaşaýşynyň ähli
ugurlaryny diýen ýaly öz içine alýar.

Ikinji sosiallaşma dar çarçuwada hereket edýär. Her bir sosial institut öz wezipesini çözmäge çalyşýar.

## Syýasat we medeniyet.

Adamda, diýmek, jemgyýetde hem bar bolan zatlaryň ählisi ýa tebigatyň, döreden zadydyr diýip bolmaz: adamynyň zähmetiniň esasynda dörän zatlar hem bardyr. Şeýlelik bilen medeniýet dünýäsi - başdan adamynyň öz zähmeti bilen döredilen dünýä açyldy, soňky netijesinde bolsa, adamynyň öz-özüne, öz işine, özüni gürşap alan barlygy üýtgetmäge bolan ukyby açyldy.

Alymlaryň käbiri medeniýeti däp-dessur bilen baglanyşdyrýarlar, başgalary bolsa onuň normatiw häsiýetine ünsi çekýär. Bu kesgitlemeleriň her biri medeniýet diyen düşünjäniň hasydyr bir wajyp tarapyna dykgaty çekýär.

Medeniýet diýen duşünjäni kesgitlemekde üç sany çemeleşme bardyr :

1) empiriki çemeleşme, ýagny beýan ediji çemeleşme. Bu çemeleşme medeniýeti adamyň işiniň jemi, netijesi hökmünde ,ýagny şol netijani düzýän predmetleriň we gymmatlyklaryň toplumy hökmünde düşündirýär. Bu çemelesmäniň kemçiligi - medeniýet adamynyň işiniň doňan netijeriniň toplumy gornüşinde , üýtgemeýän bir zat hökmünde suratlandyrylýar;
2) Baha beriji (оценочный) çemeleşme, ýagny aksiologiki. «Medenietli” we “medeniýetsiz” diýän düsünjeleri kesgitleýär. Medeniýetliniň derejeleri hem kesgitlenýär. Medeniýetleşenliginiň derejesi baha berilýäni nusgalyk (etalon) hökmünde kabul edilen bilen deňeşdirme arkaly kesgitlenýär.(Meselem, Ýewropa medeniýetline ýakynlaşma we ş.m.);
3) Işjeň çemeleşme. Bu çemeleşme medeniýeti biologiki barlyklardan daşary

adamzadyň isiniň özboluşly bir usuly hökmünde göz oňünde getirýär.

Häzirki ylmy edebiýatda esasan şu çemeleşme ulanylýar. Munuň sebäbi

hem işjeň çemeleşmäniň beýleki ikisini aradan aýyrmaýalygyndadyr.

"Medeniýet" diýen adalganyň özi latynçadan terjime bolup, ilkibaşda ýeri işläp bejermek, medeniýetleşdirmek, ýagny tebigatýň obýektini tebigy prosesleriň däl-de, adam zähmetiniň netijesinde üýtgetmek diýen manyny berýär. Medeniýet ynsanda ynsanlyk derejesiniň ölçegini, adamynyň jemgyýetçilik barlyk hökmünde häsiýetnamasyny aňladýar.

Medeniýet köp funksiýalary ýerine ýetirýänligi bilen häsiýetlendirilýändir:

a) akyl ýetiriş funksiýasy. Medeniýetiň gazananlarynyň köpisi gurşap alýan dünýäbi mundane beýläk hem akyl ýetirmegiň we bu bilimleriň ýaşaýyş tejribesinde ulanmagy täze usuly hökmünde orta çykýar; medeniýetiň edil bu funksiýasy başga jemgyýetçilik hadysalara hem mahsusdyr, mysal üçin, ylyma;

b) maglumat alyş-çalyş funksiýasy. Bu funksiýa sosial tejribäni toplamak we ýaýratmak bilen baglydyr. Şu bir nesilden geljekki nesillere geçirmek, hem bir halkdan beýleki halklara geçirmek hem bolup biler. Bu meseläni çözmekde söz, dil, düşünje, saz, şekillendiriş sungaty we ş.m. uly kömek berip biler; medeniýetiň bu funksiýasynyň ähmiýeti ulydyr, sebäbi häzirki zaman jemgyýetler we medeniýetler parahatçylykly aragatnaşyda ymtylýarlar;

ç) kommunikatiw (aragatnaşyk) funksiýasy. Adamlara biri-biri bilen aragatnaşyga girmäge, şol aragatnaşygy saklamaga mümkinçilik berýär. Maglumat alyş-çalyş hem aragatnaşyk funksyýalary biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr, medeniýetleriň aragatnaşygy sebäpli dünýä mýçberinde medeniýetleriň sintezi bolup geçýar we dünýäde başga madeniýetler özleri barada habar berip bilýärler;

d) normatiw (kadalaşdyryjy) funksiýa. Aýry-aýry şahsyýetleriň we sosial toparlaryň özüni alyp baryşlaryny kadalaşdyrýar, medeniýetiň bu funksiýasy jemgyýetde, döwletde durnuklylygy, abadançylygy saklamaga ýardam berýär we raýatlaryň ýokary ahlakly bolmagyny talap edýär;

e) siwilizasiýa, ynsanperwerlik funksiýäsy . Medeniýetiň bu ugry ynsan jemgyýetiniň öňe, progresse tarap iterlemegine ýardam edyär.

Ýokardaky agzalan medeniýetiň funksiýalary biri-biri bilen berk baglanşykdadyr.

Her bir jemgyýetiň öz medeniýeti bardyr. Medeniýet sözi bilen birlikde milli medeniýet barada düşünje hem emele gelýär.

II.

Medeniýet, milli medeniýet barada aýdylanda syýasy medeniýet barada mesele hem wajypdyr. Syýasy medeniýet diýen düşünjede iki çemeleşme hasiýetlidir:

a) bu çemeleşme boýunça syýasy medeniýet - jemgyýetçilik aňyýetine, köplenç bolsa, onuň diňe bir ölçegine – ideologiýa deňleşdirilýär . Bu nukdaý nazardan , syýasy medeniýetiň özeni ideýa – bu hakykatda bar bolan ähli gowulyklary özünde jemleýän jemgyýetçilik idealydyr, nusgasydyr. Şeýlelik bilen, syýasy medeniýet diýileninde syýasy ahyýetde jemgyýetiň ýaşaýşynda bar bolan ähli “gowy zatlaryň” öz beýanyny tapmasyna aýdylýar; jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakdan başga-da syýasy medeniet olaryň gowulaşmasyna hem getirýär.

b) ikinji çemeleşmäni dogry hasap edýänleriň nukdaý nazaryndan syýasy medeniet – syýasy işiň kesgitlemelerinden biridir. Diýmek, ol diňe bir syýasy ulgamda çykyş edýän adamlara mahsusdyr.

Bu çemeleşmeleriň ikisi hem bu meselä bir taraplaýyň garaýar.

Syýasy medeniýet jemgyýetde şu funksiýalary ýerine ýetirýär: ilki bilen ol nesilden nesile syýasy tejribäniň geçirilmegini üpjün edýär. Bu syýasy gatnaşyklaryň ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek üçün zerurdyr . Ikinjiden, syýasy medeniyeti syýasy gatnaşyklaryň tertipleşmegini we sazlaşygyny üpjün edýär. Bu ýagdayda medeniýet adamlaryň gündelik ýaşaýşyna gatyşmaga başlaýar..

Ýokarda aýdylanlara daýanyp, şeýle netijä gelmek bolar: syýasy medeniýet – bu toplanan tejribäni nesilden nesile geçirmegi üpjün edýän, şeýlelik bilen hem, zamananyň täsiri astynda syýasy gatnaşyklaryň durnuklylygyna ýardam berýän, özüňi alyp barşyň we işiň nusgularynyň jemidir. Syýasy medeniýet özüňi alyp barşy we işi sazlaşdyrýan kadalaşdyryjy mehanizm hökmünde çykyş edýär. Umuman medeniýet ýaly, syýasy medeniýet hem öz beýanyny maddy we ruhy gornüşde tapýar. Syýasy medeniýetiň bir ýa-da beýleki gornüşi syýasy özüňi alyp baryşyň we işiň nähili, ”bakylygy” we “beýikligi” duýmak bilen adaty durmuşy aladalardan ýokarda bolan nusgasy bolup hyzmat edýär. Syýasy medeniýetiň görnüşleri şulardan ybaratdyr:

a) bilim görnüşinde, meselem, dolandyryşynyň ýa-da dowlet gurluşynyň beýany, meselem, döwlet kanunlary, Konstitusiýa we ş.m.

b)Gönüden-göni täsir görnüşinde, meselem, bay rimliler öz ogullarynyň syýasy iş barada düşünjelerini artdyrmak üçün , olary senata alyp barýan ekenler.

c) Maddy ýadygärlikler görnüşinde ,meselem, Ruhyýet köşgi iň täze döwüriň syýasy medenietiniň nusgasydyr.

Syýasy medeniet syýasy özüňe alyp barmak we syýasy içjeňlik bilen baglydyr. Bu babatda hem syýasy medenietiň özboluşly görnüşleri bardyr. Olar barada aýdylanda şulary bellemek gerekdir :

a) radikal görnüş – resmi hem resmidäl syýasy işjeňligi ýokary derejesi bilen hasiýetlendirilýar. Bu görnüşe düuli jemgyýetçilik syýasy guramalaryň agzalary degişlidir .

b) özgerdiji (reformirleýji) tip- ilki başdaky manysy – reformalara ýykgyn edýän. Bu tipe syýasy isjeňligi ýokary bolan intelegensiýa degişlidir . Intelegensiýa syýasy özgertmeleriň esasy we iň kop sanly sosial bahasy bolup durýar, çünki özgertmeleriň amala aşyrylmagy bilen ol öz sosial hukuk durumyny (statusyhy) ýakarlanmasyny umyt edýar.

c) Opportunistik tip –syýasy sferada gozegçilik edilýän özgertmelere sabyr-takatlylyk görkezýändigi bilen tapawutlanýar , olaryň konserwatiwligi hem çundadyr. Bu tipe esasan ylym hem döredjilik adamlarynyň saylantgylary degişlidir.

d) Mylakatly tip – resmi gymmatlyklara we biderlere oňyn gatnaşyklary bilen häsiýetlendirilýär. Bu tipe adaty raýatlar, ilatyň köpçiligi degişlidir;

e) Ýerine ýetiriji tip – bu tipe dolandyryş apparatynyň işgärleri ýa-da çinownikler degişlidirler. Olaryň hasiýetdi aýratynlyklary resmi gymmatlyklary we liderleri çelgi tutunmak,syýasy işjeňliginiň ýokary derejede bolmasydyr.

Syýasy medeniýetiň bu tipleri biri-biriden üzňe däldir. Bir tipe degişli bolan adamynyň beýleki tipiň gymmatlyklaryny we özüňi alyp barşyň nusgalyklaryny özleşdirmegi hem mümkindir.

## Syýasat we etnos.

Etnososiologiıýa –etnografiýanyň sosiologiıa galtaşmagynda emele gelen täze ylmy ugur. Gündogar ýurtlarynda 60 ýyllaryň we XX asyryň ikinji ýarymynda etnososiologiýa biliminiň özbaşdak pudagyna öwrüldi. Etnososiologiıa sözi dürli manydan emele gelen iki sözden

ybarat etnososiologiıa grek. ethnos –jemgyıet, topar, taıpa halk we sosiologiıa etnososiologiýa-milli jemgyýetler baradaky ylym.lat. sosi –jemgyıet grek. logos-öwrenmek, ylym. Sözme söz Etnososiologiıa- sosiologiýanyň pudagy. Ol dürli etnoslaryň (urug,taıpa,halkyıet, millet) gelip çykyşyny, esasyny, dürli etnoslaryň funksiıasyny umumy kanunalaıyklaryny ýüze çykarmak, olaryň özara gatnaşyklaryny we emele gelen sosial gatnaşyklaryò ulgamynda saklanyp galmak mehanizimini işläp düzmeklik üçin öwrenıär. Başgaça aýdylanda etnososiologiıa etniki emele gelmeleriň ýaşaýyş we durmuşyň sosiıal aspektlerini, şeýle hem sosial umumylyklaryň we gatnaşyklaryň milli aýratynlyklaryny öwrenýär.Milli problemalary öwrenmek bilen dürli ylymlar meşgullanýar: filosofiýa, taryh, ýuridiki, ykdysady we beılekiler.

Etnosyň emele gelmeginiň esasy şerti –territoriıanyň we diliň umumylygy (soňra bu onuň esasy aýratynlygy bolýar). Hojalyk gatnaşyklaryò ösmegi netijesinde, geografik gurşawyň täsiri, beýleki halklar bilen kontaktlary netijesinde material we ruhy medeniıetiniň häsiıetli aıratynlyklary emelegelýär, milli psihologiýa, düşünjelilik işlenip düzülýär.

Emele gelen etnos sosial organizm hökmünde, etniki birmeňzeş nikalaryň we täze nesile diliň, medeniýetiň, däp-dessurlaryň, etniki aýratynlyklaryň we beýlekileriň üsti bilen ýüze çykýar.

Häzirki zaman adam görnüşi-umumy sosial kanunlary bilen ösýän, taryhy emele gelen umumylyklaryň köplügine bölünýän: döwletler, synplar, maşgalalar we ş.m. Esasy orny etnoslar tutýar. BMG hasabyna görä üç müň etniki umumylyklar dünýäniň 220 döwletine girýän etniki geçmişden miras aldylar.

Şeýle örän uzyn we çylşyrymly proses etnogonez ( halkyň gelip çykyşy) diýilýär. Etnogenez alymlary hemişe gyzyklandyrdy. Etnogeneziň ylmy nazaryýetiniň düýbüni tutan sowet alymy L.N. Gumilýow. Etnosyň dörän we ýok bolan wagtyny kesgitlemek örän çylşyrymly, kyn. Soraglar köp jedellere getirdi. Problema nazaryýet taýdan L.Gumilýow tarapyndan goýuldy we çözüldi. Ol ýüz ýyllyklaryň dowamynda bolan etniki sistemanyň düýbüni tutdy. Etnoslar biri –birinden izolirowan däl. Olar biri-birine golaý ýa-da bir döwletiň sostawynda ýaşaýarlar. Olar gatnaşykda bolup, biri-birine özara täsirini ýetirýärler. Etnoslaryň mazmunyny üýtgetmäge getirýän özara täsirliligine etniki proses diýilýär.

Ewolýusion we transfarmasion etniki prosesler tapawutlandyrýarlar. Ewolýusion etniki prosesler etnosyň esasy elementleriň islendiginiň üýtgemeginde esasan hem: diliň hem medeniýetiň, şeýle hem sosial strukturasynyň üýtgemeginde ýüze çykýar. Transformasion –etniki proses etniki degişliligiň çalyşmagyna alyp barýan üýtgemäni öz içine alýar: olaryň aýgytlaýjy etapy etniki düşünjeliligiň çalyşmagydyr. Tranformasion etniki prosesler bölüji we birleşdiriji bolýar. Birleşdiriji etnos sosial prosesler konsolidasiýa, assimilýasiýa we integrasiýa görnüşlerde bolýar.

Konsolidasiýa- birnäçe özbaşdak halklaryň dili we medeniýeti boýunça täze has uly etnosa ( etnikleriň arasyndaky konsolidasiýa) ýa-da halkyň toparlaryň arasyndaky tapawutlyklaryň azalmagy esasynda jebisleşmegi ( içki konsolidasiýa). Etnikara konsolidasiýa bolup gündogar Slawýan taýpalaryň ýeke-täk gadymy rus halkyýetlerine IX-XII asyrlarda garyşmagy hyzmat edýär, etnikara bolup bawarslaryň, saksonlaryň we beýleki nemes halkyýetleriň XIX-XX asyrlarda garyşmagy hyzmat edýär.

Assimilýasiýa-bir etnosyň ýa-da onuň böleginiň başga adatça has köpsanly garyşmagy netijede köp gadymy etniki häsiýetler ýitýär, täzeler emele gelýär.

Häzirki dünýäde ösen döwletlerde-Italiýa, Angliýa, Daniýa, şwesiýa we beýlekiler assimilýasion prosesler has intensiw bolup geçýär.Kiçi etniki umumylyklar bolsa assimilirlenýär.

Bu ýurtlarda döwlet etnosy eýýäm emele gelen. Etniki integrasiýanyň prosesleri has haýal we çylşyrymly bolup geçýär. Döwletiň içinde ya-da döwletara derejedäki özara gatnaşyklar birnäçe dili we medeniýeti bilen tapawutlanýan halklaryň umumy meňzeşlikleriň bolmagyna getirýär. Ýöne bu berk bolmadyk etnikiara umumylyk. Mysal üçin, SSSR, Awstro-Wengriýa we ş.m.

Häzirki zaman etniki prosesler birmeňzeş däl. XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli dünýäde industrial jemgyýetiň ösmegi bilen dil we dini aýratynlyklar ýitýär, etniki araçäkler ýitýär. Emma aýdyň belli bolan halklaryň durmuş obrazynyň unifikasiýa tendensiýasy egin-eşikde, iýmitde öý ýaşaýşynda we beýlekiler tapwutlaryň ýitmegine getirenok. 70-80-nji ýyllar ähli kontinentleri gurşap alan köp döwletleriň taryhynda öwrülişikli döwür boldy. Sebäbi bu döwür gaty ösýän etniki dikeldiş döwri boldy.

II

Sosial strukturanyň esasy indiwidleriň sosial we otnositel bütewilik bilen tapawutlanýan sosial umumylyk. İndiwidleriň sosial jemgyýete birleşmegi dürli häsiýetleriň we alamatlaryň esasynda bolup geçýär. Şu sebäpli hem sosial synpy demografik , etniki territorial, syýasy we beýleki

umumylyklaryň ýüze çykmagy kanunydyr. Has ýaýran sosial umumylyk , urug, taýpa, halkyýet, millet, halk synp we ş.m.

Etnos-belli bir territoriýada umumy taraplary bolan durnukly medeni aýratynlygy (dili hem) we psihalogiki gurluşy, şeýle hem özüniň birligini we beýlekilerden (düşünjelerden) medeniýetiniň durnukly aýratynlygy bolan adamlaryň köplügi. Etnosyň sistemalaýyn häsiýetini kesgitleýän kesgitleýän alamatlar :

dil, sungat, adatlar, edep-kadalary, endikler we beýlekiler . Bilelikde olar aýratyn etniki medeniýeti emele getirýär. Milli halkyýet, millet düşünjeleri häzirki zaman ylmynyň döremeginden has öň döredi. Sosial umumylykdan-taýpa, halkyýet öň millet bolupdyr.

Taýpa-ilkidurmuş obşina gurluşyna mahsus bolan umumylyk formasy. Taýpanyň esasynda taýpalaryň dagynyklygyny, territoriýasy dili, medniýeti boýunça kesgitleýän urug gatnaşyklary ýatyyr. Taýpa iki ýa-da birnäçe uruglary birleşdirýär we özüniň dili, territoriýasy, adatlary bar. Indiwidiň taýpa diňe degişliliginiň özi hem ony umumy eýeçilige degişli edýär we onuň önümçiliginiň önüminiň belli bir bölegine, jemgyýetçilik durmuşa gatnaşmak hukugyny berýär. Önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde taýpalaryň ulalmagy emele gelýär we taýpalaryň birleşmegi emele gelýär. Garyndaşlyk gatnaşyklary barha etniki umumylyklaryň esasy bolmaýar, sosial gatnaşyklar has güýçlenýär. Urug gatnaşyklaryň haryt gatnaşyklary bilen gysylmagy taýpalatyň dargamagyna getirdi we olary halkyýete birleşdirdi. Halkyýet –dil, territorial, ykdysady wemedeni umumylygyň formasy. Ol hususy eýeçilik gatnaşyklary we gul eýeçilige we feodalizme häsiýetli bolan milletiň döremegi.

Halkyýet diňe taýpalaryň birleşmegi däl ol adamlaryň umumy täze guramasy. Ol adamlaryň territorial we ykdysady gatnaşyklary esasynda hususy eýeçiligiň we gtarşylykly antogonistik sosial umumylyklaryň-synplaryň esasynda

döredilen. Onda ene-täk dil medeniýet territoriýa ykdysady gatnaşyklar we etniki degişlilik jemlenen. Mysal üçin Welikobritaniýada-Uelsler, Narmandular we beýleki has iri halkyýetler millete konsolodirlenip biler. Millet näme? Kapitalistik gatnaşyklaryň döremegi we ösmegi milletiň döremegine getirdi. Millet kapitalistik gatnaşyklaryň burzuaz döwrüniň gutulgysyz önümi we gutulgysyz formasydyr. Milletler feodal dagynyklygyň bazasynda zähmeti çuňlaýyn bölmegi giň we berk ykdysady baglanyşyklary giň we ýeke-täk bazasy we ş. m. Talap etmek esasynda döreýär.

Kapitalistik gatnaşyklar döremegi we ösmegi dünýäniň dürli ýurtlarynda birsydyrgyn däldigi bilen tapawutlanýar, milletleriň emele gelmek prosesi hem birsydyrgyn bolmaýar. Milletiň konsolidasiýasyndaky esasy roly döwlet oýnaýar. Millet halkyýetiň ornuna gelýän adamlara umumylygynyň taryhy emele gelen formasy. Millete ilki bilen durmuş şertleriniň umumylygy häsiýetli, ýagny ykdysady territoriýanyň umumylygy, psihologiýanyň belli taraplarynyň dili ( aň, gyzyklanma, millet, metallitet we ş.m.) häsiýetiň milli gurluşy medeniýetiň öz obrazlylygy ýüze çykýar. Bir millete degişliligi adamlary jebisleşdirýär. Millete halkyň bitewiliginiň üpçün edýän alamatlar degişli.

III

Häzirki şertlerde dünýä-bu milli etniki köp obrazlylygy. Halklaryň köpüsi köp milletli döwletleri düzýär. Eger-de Yewropa ýurtlarynda 300 golaý millet we halkyýet bar bolsa, ABŞ-da, Kanadada, Latyn Amerikasynda 600-e golaý millet we halkyýet, Aziýa, Afrika, Awstraliýada 2600-dan gowrak millet we halkyýet, taypalar we uruglar ýaşaýar.

Häzirki etniki prosesler birmeňzeş däl. XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli dünýäde industrial jemgyýetiň ösüşine görä dil we dini tapawutlar, etniki araçäkler ýiter diýen pikir bardy. 70-80-nji ýyllar köp döwletleriň we etnoslaryň taryhynda

Planetanyň ähli kontinentlerini gurşap alan özüni etniki dikeldiş diýip sesli yglan eden öwrülişik döwri boldy.

Sosial syýasy aspektde milletparazlyk bu bir milletiň beýleki milletden ýokary tutulmagy, onuň esasynda bolsa milli gysyp çykarma jemgyýetçilik progresiň ideýalary bilen gumanizmiň ideýalary ähli halklaryň azatlygyň we doganlygyň oňşuksyzlygy. Milletparazlyk köptaraply we dürli-dürlidir. Her bir milletiň halkyň öz aýratynlygy, artykmaç taraplary häsiýetleri alamatlary we ş.m. bar. Häzirki döwrüň şertlerinde her bir milli rezimde ykdysady özbaşdaklygy bolan ruhy progressiň bileligi zerurdyr. Her bir milletiň medeniýetiniň progresi esasan onuň diliniň ösüşine bagly. Ilatyň öz ene dilinde bilim almak hukugy döwletiň we dolandyryş organlary tarapyndan zerur mekdepleriň döredilmegi bilen üpçün edilýär.Millilik-bu halkyň maddy we ruhy medeniýetiniň, sosial we syýasy durmuşynyň, aň-düşünjesiniň we psihologiýasynyň spesifiki sypatlarydyr, onuň taryhy ösüşleriniň, beýleki halklar bilen özara gatnaşyklarynyň aýratynlyklarydyr. Ol milletleriň emele gelmek we ösmek proseslerini görkezýän sypaty hökmünde döreýär we ýaşaýar.

Milletara gatnaşyklary iki hili häsiýetde bolup bilýär. Birinjisi, milletleriň deňhukuklygyna, dostlugyna esaslanýan gatnaşyk, ikinjisi bolsa, deň hukuksyzlyga, zorluga, birisiniň agalyk etmekligine, beýlekisiniň bolsa tabyn, elgarama bolmaklygyna esaslanýan gatnaşyk. Zorluga esaslanýan milletara gatnaşygy halklaryň arasynda ynamsyzlyk, birek-birege ýigrenç emele getirýär, duşmançylyk döredýär, weýrançylykly uruşlara alyp barýar. Diňe deňhukuklylyga, dostluga, özara peýdalylyga esaslanýan gatnaşyklar milletleriň pajarlap ösmegine, durmuş progresine hyzmat edýär. Sosial progres halkyň milli ösüşi we beýleki milletler bilen hyzmatdaşlygy ösdürişi bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Muny adamzat taryhynyň bütin ösüşi doly tassyklaýar. Adamlaryň millet görnüşindäki umumylygy jemgyýetiň ösüşiniň belli bir

etapynyň (söwda-haryt gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň) önümi hökmünde emele gelip, ol öz gezeginde jemgyýetçilik ösüşiniň formasy bolup hyzmat edýär we onuň mundan beýläkki ösüşine täsir edýär. Millete territoriýanyň, diliň medeniýetiň, psihiki gurluşyň we öz milli ähmiýetiňe düşünmek än-düşünjesiniň umumylygy häsiýetlidir. Millet etnosyň tipi bolup, kesgitli psihologiýasy we öz milli ähmiýetine düşünmek aň-düşünjesi bolan adamlaryň taryhy ýüze çykan sosial-ykdysady we ruhy umumylygydyr.

## Syýasy prosesleriň sosiologiýasy

Pikirler özüniň durmuş tejribesine golaýlygy, gündogar halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň psihologiýasyna, taryhy tejribesine daýanýandygy bilen tapawutlanyp, häzirki zaman syýasaty öwreniş nazarýeti (teoriýasy) üçin örän gymmatlydyr we ýörite öwrenilmäge hem iş ýüzünde ulanylmaga mynasypdyr.

Syýasy ulgamlar häkimiýet dolanyşygynyň merkezleşdiriş derejesine görä dürli tiplere bölünýär we häzirki döwürde olaryň totalitarizm, awtoritarizm we demokratiýa görnüşleri biri-birinden tapawutlandyrylýar.

Totalitarizm özboluşly syýasy ulgam we jemgyýetçilik-syýasy gurluş hökmünde XX asyrda dörän fenomendir. Etimologiýasy boýunça ``totalitarizm`` diýen termin ``totalitas`` - dolulyk, bitewilik we ``totalis`` - tutuş, doly, bitewi diýen manylary aňladýan latyn sözlerinden gelip çykýar.

Totalitarizm özakymlaýyn döreýän jemgyýetçilik-syýasy gurluş däldir. Ol belli bir syýasy toparlaryň bütin jemgyýetçilik we şahsy durmuşy öz kontrollygy astynda saklamagy we hut şeýle ýol bilen jemgyýeti dolandyrmagy maksat edip alyp barýan syýasatynyň, aňyýetiniň netijesinde

döreýän gurluşdyr. Bu termini syýasy leksikona ilkinji bolup girizen italýan faşizminiň düýbüni tutujy Benito  Mussolinidir.

Totalitarizme köplenç ilatyň üstünden tutuşlaýyn kontrollyk edýän we we zorluga hem-de güýje daýanýan syýasy režim hökmünde kesgitleme berilýär. Ýöne onuň şeýle kesgitlemesi çäklidir, sebäbi ol totalitarizmiň düýp manysyny doly açyp görkezmeýär. Onuň hakyky manysyny açyp görkezmek üçin totalitar düzgüne mahsus bolan häsiýetli aýratynlyklary sanap geçmek gerek. Totalitarizm taryhy tejribede iki görnüşde, ýagny awtoritarizm bilen bir hatarda demokratik däl dolandyryş ulgamy bilen tapawutlanýan gurluş (öňki SSSR-de, esasan 30-njy ýyllarda) we doly totalitarizm (faşistik Germaniýada we faşistik Italiýada) görnüşlerinde gabat gelýär.

``Demokratiýa`` diýen termin häzirki zaman syýasy tejribede we nazaryýetde iň köp ulanylýan we şol bir wagtda birnäçe manyny özünde jemleýän sözleriň biridir. Onuň etimologiýasy barada aýdylanda, ilkinji nobatda bu sözüň grek dilinden terjime edilende ``halk häkimligi`` diýen manyny, ýagny onuň ``demos`` - halk we ``kratos`` - häkimlik etmek diýen manylary berýän sözlerden gelip çykýandygy belli. Häzirki döwürde bu söz esasan belli bir döwlet gurluşyny ýa-da syýasy ulgamyny tutuşlygyna häsiýetlendiýän termin hökünde ulanylýar.

Demokratiýany halk häkimligi ýa-da, başgaça aýdanyňda, halk tarapyndan saýlanyp, halka hyzmat edýän häkimiýet hökmünde häsiýetlendirmek özboluşlydyr. Doly manysynda halk häkimiýeti diýmeklik, bir tarapdan, halkyň öz-özüni dolandyrmaklygyny aňladýar,, jemgyýete syýasy taýdan agalyk edýän döwlet apparatynyň bolomagyny aňlatmaýar. Absolýut manyda hakyky halk häkimligi döwletiň bolmagyna, owletiň bolsa demokratiýanyň aýratyn bir görňüşi hökmünde göz öňüne getirilmegine nädogry  gelýär. Beýleki bir tarapdan, ilkidurmuş

döwründen soň hakykat ýüzünde demokratiýa hiç haçan we hiç ýerde döwletsiz döremedi we döräp bilmeýär.

II

Häkimiýet gatnaşyklary, jemgyýetçilik gatnaşyklary iň esasy düzümi bolup çykyş edýär. Jemgyýetde adamlaryň birikmesi we olaryň pikiri – islegleriniň deň gelmeginde häkimiyetiň iş dolandyryşyndan gelip çykýar. Häkimiýet adamlaryň aragatnaşyklarynyň düzümini bir ugra akmagyna iterýär. Häkimiýet hemmeler tarapyndan ykrar edilip, durmuşy gatnaşyklara bagly bolup durýar. Bu prosesiň başynda bir (subýektiň) – hususyýetiň beýleki bir hususyýete özüne - belli bir derejede özüne tabyn etmeginiň ukyplylygyna iterýär. Bu tabyn edijilik bolsa – belli bir adamyň – ýagny (awtoritetiň) – zulum, sütem etmeginiň hukugyny berýär. Jemgyýetiň üstünden uly derejede hukuk azatlygyny diňe syýasy häkimiýet alyp barýar. Syýasy häkimiýetiň esasy halkasy döwlet häkimiýetidir, muňa bolsa her bir adam höküm sürüp bilmeýär diýen düşünje bilen belli bir derejde bolan adamlar höküm edip bilýärler. Syýasy häkimiýetiň iň wajyp kyn meselesiniň emele gelmeginde wekilçilik bolup durýar. Häkimiýetde wekilçilik etmek prosesi iki ugur boýunça geçirilýär, ýokardan – aşak , aşakdan – ýokaryk . Wekilçilik etmek aşaky gatlagyň ezilmegine emel berýär, şeýle ýagdaýda kanunlarda raýatlaryň hukugyny goraýan kepilligiň bolmagyny üpjün etmekdir. Şeýle kepilligiň kadasy bolsa häkimiýetiň şeýle şahalara : kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýetçilik bölünmegine iterýär.

Häkimiýetiň bölünmegi name? Häkimiýetiň bölünmeginiň esasyny bolsa – dilewar, ýurist, sosiolog şarl Monteskýe feodal absolýutizm döwründe düzdi. Onuň pikiri boýunça kanun çykaryjylyk, ýerine ýetirijilik, kazyýetçilik deňligi we garaşsyzlygy berdi. Konstitusiya

bolsa jemgyýetçilik şertnamasy bolup halk bilen häkimiýetiň arasynda çykyş edýär we häkimiýetiň üsti bilen şahsyýetiň we häkimiýetiň özara gatnaşygyny takyklaýar.

Syýasat döräli bäri häkimiyetiň gatnaşyk esasynda gurulup : hökümdarlyk tabynlyga edarany dolandyrmaklyk – ýerine ýetirijilik bolup çykyş etdi. Syýasy häkimiyet döwletiň höküm sürýän sürýän ýokary gatlagy bolup, ýurtda dolandyrylyşygy ýördýän gurama bolup çykyş edýär. Sosiologlaryň kesgitleýşine görä häkimiýet şeýle seredilýär: Amerikan sociology T.Parsans: häkimiýet jemgyýetde birleşdiriji wezipäni eýeleýär diýip tassyklaýar.

Sosial gatnaşyklar deň bolman, olaryň arasyndan biriniň hukugy, derejesi uly bolup, özgelere täsirini ýetirýän güýçli hökümdarlarlygyň bardygy barada bolsa K. Marks, M. Beber, R. Mihels ýaly syýasy sosiologlar tassyklaýar.

Syýasat we häkimiýet aýrylmaz baglanyşykda bolup, jemgyýetde, jemgyýetiň nukdaý nazardan iň esasy durmuşyny açyp görkezýär.

Döwlet - esasy syýasy Institut bolup, syýasy häkimiýetiň häsiýetini we hilini aýdyňlaşdyrýar. Döwlet jemgyýetde syýasy gurama bolup durýar, onuň ilatyny we erkinligini, höwesini, islegini aňladýar. Döwlet häkimiýeti- jemgyýet üçin ähmiýetli, ähtibarly, ygtyýarly häkimiýet bolup çykyş edýär.

## Syýasatda jemgyýetçilik pikiriniň roly

Syýasy we filosofiki pikirinde syýasy ulgamynyň şu aşakdaky funksiýalar belli edilýär:

- syýasy sosialaşmak;
- sosial bähbitleriň belli edilmegi;
- syýasy aragatnaşyk (komunikasiýa).

Bu funksiýalaryň ähli̇si sosial-syýasy durnuklylygy üpjün edýärler.

Sosial bähbitleri belli etmek üçin “aç-açanlygy” üpjün etmek ýeterlekdir. Aç-açanlyk şertlerine toparlar öz bähbitleriniň aýratynlyklaryna akyl ýetirmäge başlaýarlar we öz talaplaryny öňe sürmäge hukuk alýarlar. Emma, öz sosial talaplaryny syýasy wekilçilik ulgamyna ýetirmek we ol ýerde beýleki jemgyýetçilik toparlarynyň talaplary bilen ylalaşyga getirmek üçin diňe aç-açandan ýeterlik däldir. Bu ýerde öz bähbitleriň öz wagtynda edilendigini hem kanunydygyny urlar etdirmegiň özboluşly tehnalogiýasynyň bolmaly zerurdyr.

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynda adamlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar iňňän ulydyr. Jemgyýetdäki sosial deňhukuklylyk, jemgyýetiň durnuklylygy şol gatnaşyklaryň kämilligine baglydyr. Meselem, telekeçiniň we hakyna tutma işgäriň ykdysady bähbitleri göniden-göni olaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary ulgamandaky eýeleýän orny bilen kesgitlenýär. Biriniň bähbidi iň ýokary girdiji almak, beýlekisiniň bähbidi öz işçi güýjini has gymmat satyp ýokary aýlyk almak. Adamlaryň ykdysady bähbitleri olaryň öndürijilikli işiniň getiriji güýji hökmünde ýüze çykýar. Bu işiň dowamynda olar öz bähbitlerini durmuşa geçirmäge çalyşýarlar.

Ykdysady bähbitleriň özara sazlaşykly hereketi jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň özenini düzýär. Ol predmetleri hem hyzmatlaryň öndüriliş, paýlanyş, alyş-çalyş we sarp ediş işleriniň barşynda amala aşyrylýar. Bu prosese dürli görnüşdäki telekeçileriň gullukçylaryň daýhanlaryň ykdysady bähbitleri gatnaşýarlar. Bu sosial subýektleriň her birisiniň öz özboluşly bähbidi bolup, ol şol bähbidini hem durmuşa geçirmek isleýär. Şunlukda önüm öndürmek prosesinde adamlaryň özara baglanyşykly hereket olaryň bähbitleriniň özara baglanyşygy hökmünde ýüze çykar. Şu

ýerden hem möhüm wezipe - olaryň, bähbitleriniň iň oňaýly gatnaşygyny, olaryň sazlaşygynyň prinsiplerini işläp düzmek wezipesi gelip çykýar. Şeýleleikde, “ykdysady” bazaar emele gelep ugraýar.

Öz wagtynda O.Kant – sosiolog - syýasatçylaryň parasatlylygy olaryň dürli sosial toparlaryň bähbitleriniň sazlaşykly gatnaşygyny gazanmagyny başarýanlygyndadyr diýär, çünki muňa jemgyýetiň durnuklylygy we onuň ösüşi baglydyr, diýip belläp geçipdir. Diýmek, “syýasy” adam we jemgyýetiň sosial bähbitleri berk baglydyrlar. Önümçilik bilen baglanyşykly dürli ykdysady toparlar bir ýa-da beýleki syýasy guramalara girýärler. “Ykdysady” bazar bilen bilelikde “syýasy” bazar hem döreýär. Ol bazarda ykdysady taýdan has öňdebaryjy synp agalyk etmäge başlaýar.

II.

Syýasy gurama sosial ätiýaçlandyryş, dotasiýa, kömek puly ugurlarynda täze we täze teklipleri öňe sürmäge başlaýar. Köpçülik taýdan goldaw tapýan sosial taslamalar olary ýerine ýetirmek üçin örän köp düýpli maýa goýumlary talap edýärler. Diýmek, “syýasy” adam ykdysady taýdan hem örän güýçli bolmalydyr.

Türkmenistanyň täze bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen, “syýasy” we “ykdysady” adamlar we bazarlar barada meseleler hem doly çözulýärler. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dünýä hojalyk ulgamyna we bazaryna goşylyşyp gitmegi möhüm mesele bolup durýar. Şu jähtden iri infrastruktura obýektleriň gurluşygyna aýratyn orun berilýär. Ykdysadyýetiň nusgasy özgerdilen mahalynda dünýä tejribesini, ylaýta-da bir hatarda bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlardaky, şol sanda Gündogar Ýewropanyň we GDA-nyň ýurtlaryndaky toplanan tejribäni öwrenmegiň hem-der Türkmenistanyň özboluşly şertlerini hasaba almak bilen peýdalanmagyň belli bir derejede ähmiýeti bar. Köp ýurtlarda

bazar gatnaşyklarynyň howlukmaç we degişli taýýarlyksyz girizilmegi özüni ödemedi. Şonuň ýaly-da, ykdysadyýetiň ozal emele gelen gurluşy, senagatda strategik ähmiýetli obýektleriň agdyklyk etmegi hususy eýeçiligiň özdürilmegi bilen birlikde döwlet eýeçiliginiňem saklanyp galmagyny, şonuň ýaly-da ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegiň zerurlygyny kesgitleýär.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň hiç birisinde hem erkin bazaar gatnaşyklary sap görnüşde hereket etmeýär. Döwlet öz ýurdundaky ykdysady proseslere ol ýa-da beýleki derejede gatyşýar.

Umuman, ykdysadyýetiň ýagdaýyna we ösüşine täsir etmeklikde döwlet üç sany usuly – fiscal, monetar we düzgünleşdirmäge gös-göni gatyşmak usullaryny ulanýar:

*fiskal syýasaty – döwlet ykdysadyýeti salgytlaryň we maýa goýumlarynyň üsti bilen dolandyrýar;

* monetary syýasaty – döwlet aýlanyşykdaky pul serişdeleriniň mukdaryny sazlaşdyrýar.

* düzgünleşdirmek usuly – bu usul bir ykdysady ulgamdan başga  bir ykdysady ulgama geçiş döwrüne mahsus zatdyr.

## Syýasy sosiologiýanyň barlag hadysalary usullary.

Sosiologiki barlaglary geçirmek üçin käbir ylmy talaplaryny ýerine ýetirmelidyr.

Yzygiderli çaklamalary hasaplap çykarmaklyk ýurduň ykdysady we sosial ösüşiniň gelejegini kesgitlemek üçin, esasan hem saglygy guraýyşda, magaryfda, ýaşaýyş jaý gurluşygynda pensiýa üpjünçiliginde, täze işçi ýerlerini döretmekde gelejegi kesgitlemek üçin taýýarlanýan döwletiň esasy resminamalaryň hasabyna girýär.

Bu çaklamalar şeýle hem çaga dogurmak ýa-da ony çäklendirmek, maşgala gurmak, çagalara we garrylara kömek

bermek boýunça demografiki syýasaty işläp düzmek üçin hem zerurdyr. Demografiki çaklamalaryň aşakdaky görnüşleri bardyr:

- Çaklama möhleti boýunça – uzak wagtlaýyn (25 ýyldan köp wagtlyk), orta uzak möhletli (10-20 ýyllyk), gysga wagtlaýyn (10 ýyla çenli);
- Öz içine alýan ýeri boýunça – global (bütün dünýä ýa-da onuň irisebitleri üçin), milli (aýry-aýry ýurtlar üçin) we ýerli (ýurduň içindäki kiçi çäkler üçin);
- Çaklamanyň maksatlary boýunça – umumy (ilatyň ählisini öz içine alýan we jemgyýetçilik meselelerini çözmäge gönükdirilen) we ýörite – haýsydyr bir görkeziji boýunça saýlanyp alynan ilat topary, meselem, mekdebe çenli ýaşly çagalar, işe ukyplylar, pensionerler ilatyň ösüşiniň aýratyn möhüm meselelerini çözmek üçin ulanylýan çaklamalar.

Çaklamalar işlenip düzülende 2 esasy usuly garaýyşdan ugur alynýar. Olar statistik-analitik we seljeriş – baha beriş usullarydyr. Statistik-analitik çemeleşiş statistiki we matematiki analiz esaslanýar. Seljeriş-baha beriş çemelelişi sosial-ykdysady ýagdaý üýtgände çak edilýän döwürde adamlaryň demografiki taýdan özüni alyp baryşynda we ilatyň artmasynda bolup biljek çaklamany işläp düzmäge esaslanýar. Bu çaklamany taýýarlamak üçin demograf-hünärmenleriň sosiolaglaryň seljeriş bahalary ulanylýar. Bu hünärmenler ýurtlaryň we sebitleriň ösüşiniň barşynda ilatyň artmasynda bolup biljek üýtgeşmelerini öňünden görmegi başarmalydyr.Şeýle baha bermek üçin ösüşiň garaşylýan döwrüni eýýäm geçen we sosial-ykdysady we etnodemografiki taryhy boýunça meňzeş ýurtlaryň tejribesi bilen deňeşdirmek we meňzeşliklerini tapmak usulyny ulanylýar. Bu usul giň möçberdäki uzak wagtlaýyn çaklama taýýarlananda ulanylýar.

Ýer şarynyň ilata 6mlrd. adamdan geçdi we artmasyny dowam etdirýär. BMG-niň maglumatlary boýunça ösüşiniň

ýokary depgini ýylda 2% Xxasyryň 60-njy ýyllary gazanyldy, emma asyryň ahyryna 1,3% çenli peseldi. Çak edilişine görä, ol peselmegini dowam eder we XXI asyryň ortalaryna 0,34%-den artyk bolmaz. Şu asyryň aýagynda ösüşiň peselmegine Ýeriň ilatynyň 12-13mlrd.adamda durnuklylaşmasyna garaşylýar. Ýer şarynyň ilaty ösýän ýurtlaryň hasabyna öser, şol sanda Aziýada 60% ýakyn bolar. Ösüşde I orun - Aziýa, II orun – Afrika degişli bolar. XXI asyryň ortalaryna zenan başyna düşýän çaganyň sany kritik san bolan 2,1-den pese düşüp biler. Gelejekde ilatyň ölüm sanynyň belli bir derejede durnuklaşmasyna, ýaşaýşyň dowamlylygynyň ösüp 2050-nji ýylda 75 ýaşa ýetmegine garaşylýar.

**Sosiologiýada** statistik usullaryň ulanylýan ugurlary örän giňdir. Ilkinji maglumatlary toplamak we olara baha bermek islendik statistik gözegçiligiň I topgyrydyr. Demografiki maglumatlaryň iň möhüm çeşmesi – ýörite taýýarlanan taslama boýunça geçirilýän, ýurduň her bir ýaşaýjysy barada maglumat berýän ilat ýazuwydyr. Statistik gözegçiligiň netijesinde alynýan san bilen belgilenen maglumatlaryň köplügi degişli analiziň we işlemek usulynyň zerurulygyny ýüze çykarýar. Munuň üçin wagtyň haýsydyr bir müddetine ýa-da wagt bölegine degişli statistik görkezijileriň belli bir alamatlar boýunça tertibe salynan hatarlary düzýär.

Demografiýada şeýle hatarlaryň üçisi bardyr:

I.Käbir alamatlar (jyns we ýaş, iş, bilim) boýunça ilatyň özüni paýlamak.

II.Ilat toplulyklaryny (maşgala, pensiýa we zähmete ukyply, ýaş boýunça) paýlamak.

III.Demografiki ýagdaýy (aýry-aýry ýaş boýunça çaga dogurmalaryň sany) boýunça paýlamak.

Kartografiýa usullary – bu ilatyň ýagdaýyna akyl ýetirmegiň möhüm usullarydyr. Olaryň özboluşlyklary: ilatyň giňişlikde ýaýraýşyny we onuň artmagyny öwrenmekden ybarat bolup, ol

geografiki kartalaryny düzmekden we öwrenmekden ybaratdyr. Ilaty kartolaşdyrmagyň ähli köp dürlüligi 4 esasy ugry şulardyr:

- Hususan geografiki usul – ilatyň ýerleşiş we ýaşaýyş kartalary.
- Demografiki – ilatyň ýagdaýy we artyşy (onuň jyns düzümi, ýaş aýratynlyklar boýunça düzümi, maşgala ýagdaý görkezijileri, tebigy hereketi, göçmenlik).
- Etnologik (milli düzümi, ýaşaýyş, maddy we ruhy medeniýet elementler).
- Sosial-ykdysady (ilatyň sosial düzümi, işleýänligi, ilatyň ýaşaýyş derejesi)

Ilaty kartografiki usul bilen görkezmegiň esasy usullary şulardyr:

1) Lokallaşdyrma nyşanjyklary usuly. Onuň düýp özeni ilaty we ilatly nokatlary olaryň ýerleşýän takyk ýerlerinde (nokatlarynda) ýa-da beýleki nyşanlar (köplenç dürli geometriki şekiller-tegelekler, halkalar ýa-da dörtburçlyklar, sütünler) bilen bellemek.

2) hereket bellikleri usuly – ilatyň giňişlikdäki hereketi bilen bagly. Ilatyň bir ýerden başga bir ýere göçmesini görkezýär.

Tablisalar düzmek demografik prosesleriň kanunalaýyklaryny öwrenmegiň esasy usullaryndan biridir. Şeýle tablisalary hasaplamak usuly XVII asyrda tapylýar. Demografiki tablisa demografiki maglumatlaryň bir hatarynyň üýtgeýşine garap, şeýle maglumatlaryň beýleki hataryndaky üýtgeşmeler derejesini hasaplap çykarmak mümkin bolan sanlaýyn modeldir. Bu saýlap alynan toparyň – ýaş, jyns, maşgalalyk we başg.toparlaryň sanly häsiýetnamalary boýunça haýsydyr bir demografik prosessiň – dogulyşyň, ölümiň we başgalaryň bolup geçiş depgini hasaplap bolýandygyny görkezýär.

Sosiologik barlaglaryň esasy tapgyrlary:

1) Barlagyň meselelerini, wezipelerini we obýektini kesgitlemek

2) Esasy düşünjeleri kesgitlemek

3) Esasy ylmy çaklamalary öňe sürmek
4) ylmy barlaglaryň usuly we tehnikasy

Demografiýada sosial usullaryň ulanylyşy demografiki özüni alyp baryşyň dürli ugurlary boýunça ygtybarly maglumat almaga gönükdirilendir. Emma barlagçy bilen barlag geçirýäniň özara täsiriniň göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlaryň netijesinde maglumatlarda nätakyklyklaryň ýüze çykmasynyň mümkindigini göz öňünde tutmalydyr. Gözegçilik usuly. Bu usul öwrenilýän wakalaryň göniden-göni bellige alynmasyny göz öňünde tutýar, köplenç obýekt bilen ilkinji tanyşlyk döwründe, şeýle hem kiçi toparlar öwrenileninde ulanylýar. Täsirleri seçip almak bilen, gözegçi hemişe kabul ediş özboluşlylyklary bilen bagly bolýar we şol sebäpli hem öz baha berşinden uzaklaşyp bilmeýär. Resminamalary öwreniş usuly ilkinji nobatda empiriki sosiologiýada ulanylmaga başlady. Resmi häsiýetdäki resminamalara şular degişlidir: arhiw maglumatlary, statistiki maglumatlar, çap edilen işler. Soragnama usulynyň uniwersallygy ynsanlaryň motiwleri, maksatlary baradaky maglumat almak mümkinçiliginde ýüze çykýar. Soragnama usuly ilat ýazuwynda uzak wagtdan bäri ulanylýar. Eksperiment usuly sosial barlaglar tejribesinde beýlekilere garanyňda has seýrek duşýar.

## Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasyna girmekligindäki aýratynlyklary

Ýurdumyzda her bir adamyň bilim almagy kanun tarapyndan kepillendirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 38-nji maddasynda “Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr” diýlip kesgitlenen bolsa, “Bilim hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda “Bilim almak hukugy Türkmenistanyň raýatlaryny esasy we aýrylmaz konstitusion hukuklarynyň biri bolup durýar” diýlip bellenilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly

Berdimuhamedow ýurt Baştutanlygyna girişen günlerinden bilime aýratyn üns berip başlandygy ilkinji gol çeken Permanlarynyň hem bilim ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly bolandygyny ýatlasak onda bu Kanunyň özeniniň şu sözlerden alnandygyna göz ýetirmek mümkin.

Milli Liderimiziň gol çeken "Türkmenistanda Bilim hakyndaky" Türkmenistanynyň Kanunyna üýtgetme girizmek baradaky" Türkmenistanyň Kanuny, "Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky" Permany, "Türkmenisatnyň bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky", "Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky", "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky" çuňňur many-mazmuny jemleýän Kararlary ýurdumyzyň bilim hem ylym ulgamyny dünýä derejesine çykarmagyň aýdyň ýollaryny salgy berýär. Milli bilim-ylym ulgamyny uly ösüşlere ataran bu Permandyr Kararlar bilimiň ýeten meseleleriniň oýlanyşykly çözülmegini hem alada etdi. Beýik Galkynyş eyýamynda gün-günden belent sepgitleri eýeleýän ýurdumyzda bu ugurda eýýäm beýik işleriň amal edilendigi, "Biz Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy täze belentliklere ýetirmekde esasy sütünleriň biri bolan bilim ulgamyny düýpli özgertmegi we kämilleşdirmegi esasy wezipämiz höküminde kesgitledik" diýmekligiň özi döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýandygyna doly güwä geçýar.

Her bir ylmyň öz gadymylygy bar. Edil şonuň ýaly-da onuň emele gelişiniň, ösüşiniň şu günki ýagdaýynyň taryhy-da bolýar. Her bir ylmyň kemala gelmeginde zerur şertleri döreden deslapky şertler hem zerurlyklar bolýar.

Kratologiýa häkimiýet baradaky ylymdyr. Kratologiýa ilki başda ýönekeý görnüşlerde urug jemgyýeti döwründe we hat-da ondan hem öň döräpdir. Şu döwürlerde, häkimiýetiň ilkinji elementleri ýüze çykyp ugrapdyr, emma ol asyrlaryň

dowamyndan biziň şu günlerimize çenli syýasaty perde edinip geldi.

Syýasat dürli döwürlerde dürli hili ösüş özgerişleri başdan geçirip şu günlere çenli gelip ýetipdir.

XXI asyryň syýasy durmuşy hem häzirki zaman dünýäsi barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynda şeýle ýazýar: "Häzirki zaman dünýäsiniň iň wajyp meselelriniň biri – ol hem durmuş-ykdysady, tehnologik we senagat taýdan ösüşi bir meňzeş derejede bolmadyk döwletleriň arasynda deň hukukly, hyzmatdaşlygy we adalatly gatnaşyklaryň ýola goýulamagydyr. Onlarça kä halatlarda ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda toplanan meseleleriň bu gün agyr labyr bolup boýnundan ineni üçin, tutuş halklaryň we yklymlaryň käte-käte öz ykballaryndan zeýrenmek duýgusyny başdan geçirýändikleri üçin olarda günä ýokdyr. Henize çenli hiç wagt garyp we baý ýurtlaryň arasynda baýlyklaryň paýlanyşynda we peýdalanşynda häzirki ýaly şeýle aradaşlyk bolmandy, henize çenli şeýle aradaşlyk zerarly tutuş durnuklylyk we howpsuzlyk ulgamyny opurjak bolyan howp şeýle aýdyň duýulmandy. Häli-şindi jahanyň ha o çetinde, ha beýleki çetinde tutaşýan harby çaknyşyklaryň, we etniki özara oňuşmazlyklaryň düýp köki durmuş ykdysady meýdanda bolsa nätjek? Medeniýetleriň, dinleriň, siwilizasiýalaryň çaknyşmagy dünýä derejesine çykarmak, häzirki zamanyň şertlerinde "haçly ýörişler piikirini dile çolamak diňe düşünjeleriň aýnadylyp ulanylmagyndan başga zat däldir. Belanyň körügi günbataryň we gündogaryň garaýyşlarynyň we gymmatlyklarynyň keskelläm bir ýere sygyşmaýanlygynda ýa-da dinara gapma-garşylyklarda däldir, eýsem-de häzire çenli saklanyp galan halkara ykdysady gatnaşyklaryň ulgamynyň häzirki görnüşinde mundan bu ýana syýasy ýagdaýlara we zeminiň ilatynyň isleglerine bap gelmeýänligindedir. Şu hem XXI asyryň häsiýetnamalarynyň ýene biridir."

Elbet-de, syýasat bar ýerinde häkimiýetiň bardygy düşüniklidir.

Adamzat häkimiýet ugrundaky göreşlerde, syýasat we häkimiýet baradaky pikirlerini baýlaşdyrypdyr. Netijede syýasat hem häkimiýet baradaky düşünjeler ylym häsiýetine geçipdir. Şu ýerde XI asyryň belli alymy we syýsatçysy Nyzamylmülk barada ýatlaman geçmeklik bolmaz. Ol döwletiň merkezleşen häkimiýetiniň ýitip gitmezliginiň aladasy bilen ýaşan ýeketäk wezirdir diýip aýtsa bolar. Hökümdarlar tarapyndan aýry-aýry adamlara ullakan mülkleriň berilmekliginiň ýurduň içinde bölünmeklige getirýänligi barada gymmatly pikirlerini Seljuk soltanlaryna aýdyp bilen wezirdir. Gündogaryň tagt dawalarynda we häkimlik ugrundaky göreşlerde onuň wepat bolmagynyň düýp aňyrsynda-da onuň progressiw pikirlenişi ýatyr.

Ol Seljuklar döwlewtiniň syýasy durmuşyny beýan edýän bir kitap ýazýar. 1090-njy ýyllarda ýazylan ol kitaba “Syýasatnama” diýip at beripdirler. Eser syýasat hem häkimlik barada juda köp maglumatlary, ýörelgeleri, usullary, ýollary beýan edýär. Şol döwri öwrenmek üçin, onuň syýasatyna göz ýetirmek üçin bu eser gymmatly çeşme bolmagynda galýar.

Syýasatyň ösmegi bilen häkimiýet baradaky düşünjeler hem ösüpdir. Netijede häkimiýet barada öňli soňly düşünjeler kemala gelipdir. Ýörite adalgalar peýda bolýar. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçmelidir.

Super häkimiýet.

Ýokary häkimiýetlilik, ullakan hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň bir elde ýa-da bir organda (toparda), guramada jemlenmegi. Şeýle häkimiýet apsolýut monarhiýalarda ýa-da totalitar düzgünli häkimiýetli gurluşlara mahsus.

Çürbaşy häkimiýet.

Ullakan uç-gyraksyz häkimiýet. Täsiriniň güýçlüligi boýunça alnanda şu hili häkimiýetiň özüne deňi taýy meňzeşi bolmaýar.

Sub häkimiýet.

Özünden ýokarda duran häkimiýete tabynlylyk.

Ýarym häkimiýetliklik.

Göçme manyda aýdylanda ýarym ölçegli häkimiýet. Häkimiýet munda doly ýagdaýda bolman soň, ahyrky ýagdaýda şowsuzlyga we dargamaklyga uçraýar.

Gapma-garşy häkimiýet.

Bu häkimiýet, adatça bşga bir häkimiýetiň dargamaklyk prosesinde peýda bolýar. Özü-de özüniň öňe sürýän maksatnamalary boýunça şol häkimiýete garşy durýar.

Kwazi häkimiýet.

Hakykat ýüzünde özüňiň mukinçiliklerini ýitiren, ýöne onda-da göz üçin dolandyrýan häkimiýet. Şeýle häkimiýetler "oýnatgy" döwletler hasaplanylýar. Hytaýda we Fransiýada XX asyryň dowamynda şeýle häkimiýetler bolupdy. Häzirki zaman dünýäsinde döwlet häkimýetiniň amala aşyrlyşy üç şaha bölünýär.

1. Kanun çykaryjy häkimiýeti;
2. Ýerine ýetiriji häkimiýeti;
3. Sud häkimiýeti.

Islendik demokratik ýurtlarda şu hili häkimiýetler höküm sürýüärler. Dünýaniň iň bir demokratik ýurtlary bolan Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bu ýagdaý has hem güýçli. Olar biri-birinden garaşsyz ýagdaýda işleýärler. ABŞ-da bolsa federal okruk ýerli häkimiýetler bar.

Biziň Türkmenistan ýurdumyzda hem demokratik ýörelgeler esasynda üç häkimiýetlilik düzgüni ýola goýlandyr.

Ýurduň baş kanunynyň 1-nji maddasynda ýurduň demokratik, baky Bitaraplylyk ýoly bilen barýandygy we häkimiýetiň üç şaha bölünýändigi aýdylýar. Mundan daşary bizde dünýäde ýeke-täk döwlet hökmünde Halk maslahaty bar. Ol mydama hereket edýär. Onuň çykaran kararlary, kanunlary iň ýokary hukuk güýje eýe bolan resminamalardyr. Ýurtda şeýle syýasy guramanyň hereket etmegi bolsa gös-göni ýagdaýda demokratiýanyň dabaralanmagyny aňladýar.

Her bir öşüşleriň, yza tesişleriň ahyrsynda syýasy wakalar ýatyr. Häkimiýet baradaky pikirler bolsa ösüp gidip otyr. Adamzat jemgyýeti mydama ösüşde, edil şonuň ýaly onuň ýagny kratologiýa ylmynyň hem ösüşli ýollary bar. Olary gündelik ýagdaýda öwrenmek netije çykarmaklyk döwrüň talap edýän adamsy üçin zerur şertleriň biridir.

# III.EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat,

2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.

29. Арутюнян Ю.М. Этносоциология : цели, методы и некоторые результаты исследования. М., 1984.
30. Гумилев Л.Н. География этноса в исторический период. Л., 1990.
31. Радугин А.А. Социология. Курс лекций. М., 1990.
32. Политическая социология. Ростов-на-Дону, 1997.
33. Мальцев В. Основы политологии. М, 1998.
34. Чулаков Ю.Г. Политология. С-Пб., 1997.
35. Капитонов Э.А. Социология XX века. Ростов-на-Дону, 1996.
36. Фролов С.С. Основы социологии. М., 1997.
37. Социология: наука об обществе. Под ред. В.П. Андрющенко. Харьков, 1996 .
38. Радугин А.А. Социология. М., 2000.
39. Кейзеров Н.М. Политическая и правовая культура. Методологические проблемы. М., 1983.
40. Щегорцов В.А. Политическая культура: модели и реальности (политико-социологические очерки.) М., 1990.
41. Махощ Ч. Политическая культура в системе культуры. М., 1988.
42. Шестопал Е.Б. Личность и политика.М., 1988.
43. Фролов С.С. Основы социологии. М., 1997.

## Mazmuny

Giriş........................................................................7-10
Syýasatyň sosiologiýasynyň wezipeleri,
predmeti we metodologiýasy.............................................10-16
Sosial – syýasy bilimleriň döremegi we ösmegi.................16-23
XVII – XVIII a.a. sosial – syýasy bilimler........................23-28
Iň täze döwrüň sosial – syýasy mekdepleri........................28-36
Jemgyýetiň sosial gurluşy we syýasat................................36-40
Döwlet we raýat jemgyýeti……………………………40-46
Häkimiýet – jemgyýetçilik hadysa hökmünde...................46-50
Syýasatda şahsyýetiň orny................................................50-55
Syýasy özüňi alyp barmak................................................55-60
Syýasat we medeniyet……………………………………61-65
Syýasat we etnos……………………………………………65-72
Syýasy proseslerıň sosiologiýasy......................................72-75
Syýasatda jemgyýetçilik pikiriniň roly.............................75-78
Syýasy sosiologiýanyň barlag hadysalary usullary............78-82
Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasyna girmekligindäki
aýratynlyklary………………………………………82-87
Edebiýat.........................................................................88-91